TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZDA MILLI YKDYSADYÝETI DIWERSIFIKASIÝA ÝOLY BILEN ÖSDÜRMEK, INNOWASIÝALARY GIŇDEN ORNAŞDYRMAK BOÝUNÇA ULY IŞLER AMALA AŞYRYLÝAR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

5-nji aprel, 2024. Belgisi 14/1580



# ASUDALYGYŇ WE ROWAÇLYGYŇ ÝOLY BILEN

*3-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, şu ýylyň başyndan bäri Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň Maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de, harby gullukçylaryň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Goranmak ministrligine degişli birnäçe desgalary gurmak we durkuny täzelemek baradaky resminamanyň taslamasy hem hödürlenildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň düzgünlerini takyk ýerine ýetirmegiň wajypdygyny belledi. Harby we hukuk goraýjy düzümleriň öňünde durýan wezipeleriň talabalaýyk çözülmegi serkerdeleriň hünär derejesine, olaryň hukuk sowatlylygyna, döwrebap tehniki serişdeleri, tehnologiýalary özleşdirmeklerine gönüden-göni baglydyr diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýtdy we degişli resminama gol çekdi.

Baş prokuror B.Muhamedow şu ýylyň ýanwar–mart aýlarynda alnyp barlan işleriň jemleri, döwlet Baştutanymyzyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak boýunça ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem sanly ulgamy ornaşdyrmak, prokuratura edaralarynyň işgärler kuwwatyny berkitmek ugrunda görülýän çäreler barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, prokurorlary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda Permana hem-de Karara gol çekdi. Döwlet Baştutanymyz ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, beýleki edara-kärhanalar tarapyndan kanunçylygyň takyk hem-de birmeňzeş berjaý edilişine berk gözegçilik etmegiň möhümdigini aýdyp, Baş prokurora ýol berilýän düzgün bozulmalaryny ýüze çykaryp, olary öz wagtynda düzetmek üçin çäreleri görmegi tabşyrdy.

Içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de, ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işini kämilleşdirmek babatda görlen anyk çäreler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerini goramagyň, ýol hereketiniň, ýangyna garşy göreş kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmegiň Içeri işler ministrliginiň esasy wezipeleriniň biri bolup durýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, edaralarda we ilatyň arasynda wagyz-nesihat çäreleriniň, degişli düşündiriş işleriniň yzygiderli geçirilmeginiň möhümdigi bellenildi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň birinji çärýeginde alnyp barlan işleriň netijeleri, kazyýet işini talabalaýyk alyp barmak, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, degişli düzümleriň işine sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, kazyýet edaralarynyň hukuk bozulmalarynyň öňüni almak babatda alnyp barylýan işlere işjeň gatnaşmagynyň zerurdygyny belledi. Hormatly Prezidentimiz kazyýet işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça görülýän çärelere ünsi çekip, Ýokary kazyýetiň ýolbaşçysyna bu ugurda alnyp barylýan işlere berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, döwlet bähbitlerini goramak, jemgyýetimizde durnuklylygy üpjün etmek boýunça görülýän toplumlaýyn çäreler, ýolbaşçylyk edýän edarasyny ösdürmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Türkmenistanyň konstitusion gurluşyny we çäk bitewüligini goramak bilen baglylykda, bu edaranyň öňünde durýan gaýragoýulmasyz wezipelere ünsi çekdi. Hususan-da, geçirilýän seljerme işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň möhümdigi bellenildi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň şu ýylyň ýanwar–mart aýlarynda alyp baran işleriniň netijeleri, Watanymyzyň mukaddes serhetlerini goramak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de, serhet galalaryny döwrebaplaşdyrmak, olaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, harby gullukçylaryň netijeli gulluk etmegi, göwnejaý ýaşaýyş-durmuşy üçin zerur şertleriň döredilmegi bilen bagly meseleler barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Döwlet serhediniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmegiň, hem-de serhetlerimizi dost-doganlyk serhedine öwürmek üçin alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini nygtady. Serhet goşunlarynyň öňdebaryjy tehniki serişdeler bilen üpjün edilmegi harby gullukçylaryň hünär taýdan taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagyny talap edýär diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Soňra adalat ministri M.Taganow şu ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, düzümleýin edaralara sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Şeýle-de, degişli maksatnamany durmuşa geçirmegiň barşy barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, häzirki wagtda adalat edaralarynyň işini sanly ulgama geçirmek boýunça işleriň alnyp barylýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, bu işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegine berk gözegçilik etmek tabşyryldy.

Soňra Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem işiň döwrebap usullaryny we iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça amala aşyrylýan çäreler, bu edarany ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada aýdyldy. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň garamagyna gullugyň düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak we ugurdaş hünärmenleri taýýarlamak bilen baglanyşykly resminamanyň taslamasy hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, degişli Karara gol çekdi we häzirki wagtda gümrük nokatlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça işleriň alnyp barylýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Şunuň bilen baglylykda, bu işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegine berk gözegçilik etmegiň zerurdygyna üns çekildi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işleriň netijeleri, edaranyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, onuň işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, döwletimiziň migrasiýa ulgamyndaky syýasatynyň dünýäniň oňyn tejribesiniň we milli kanunçylygyň esasy ýörelgeleriniň utgaşdyrylmagyna, işiň innowasion usullarynyň ulanylmagyna gönükdirilendigini nygtady. Migrasiýa gözegçiligini kämilleşdirmek boýunça meseleleri üns merkezinde saklamak boýunça anyk çäreleri görmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we gullugyň ýolbaşçysyna degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Türkmenistanyň Harby doktrinasyna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek boýunça çäreleriň amala aşyrylýandygyny belledi. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmäge, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga uly ähmiýet berilýändigi nygtady.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Änew medeniýetini açyp görkezýän gymmatly eser

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ata Watanymyzda toýlar goşalanyp gelýär. Hormatly Prezidentimiziň «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze kitabynyň ýurdumyzda bellenilýän şanly seneleriň öň ýanynda halkymyza gowuşmagy ählimizi guwandyrdy, buýsandyrdy. Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi ata Watanymyzyň şöhratly taryhynyň älem içre belent ykrarnama eýe bolýandygyny görkezýär. Mälim bolşy ýaly, 26-njy martda Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçirilen çärelere badalga berildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp kitabynyň bu şanly wakanyň öňüsyrasynda çap edilmegi bagtyýar ildeşlerimiziň toý şatlygyny goşalandyrdy.



Türkmenistan taryhy ýadygärliklere, medeni gymmatlyklara baý ýurtlaryň biri bolmak bilen, türkmenler adamzat siwilizasiýasynyň ösmegine uly goşant goşan halkdyr. Hormatly Prezidentimiziň gadymy Änewiň buýsançly taryhyndan söhbet açýan ajaýyp kitaby hem milli mirasymyzy, geçmiş taryhymyzy giňden öwrenmekde uly ähmiýete eýedir. ■ 2

## Giň gerimli özgertmeler – täze sepgitlere badalga

*3-5-nji aprelde Söwda-senagat edarasynda milli ykdysadyýetimiziň üstünliklerini, kuwwatyny we Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe geljekki ösüş ugurlaryny aýdyň şöhlelendirýän ýurdumyzyň söwda toplumynyň sergisi geçirilýär. Bu ýerde dürli ugurlarda iş alyp barýan söwda toplumynyň hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň kärhanalarydyr düzümleriniň 210-dan gowragy öz öndürýän ýokary hilli önümlerini, hyzmatlarynyň giň görnüşlerini hödürleýärler.*

Üç gün dowam edýän serginiň esasy maksady milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmeginden, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilmeginden, eksportyň artdyrylmagyndan hem-de önümçilikleri depginli döwrebaplaşdyrmakdan ybaratdyr. Kabul edilen ösüş maksatnamalarynyň çäklerinde ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň işini kämilleşdirmekde üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleri beýan edýän köp sanly diwarlyklar hem munuň aýdyň güwäsidir.

Sergä Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň düzümleridir kärhanalary hem gatnaşýarlar. Şolaryň hatarynda «Türkmensüýtsöwda», «Türkmenbakaleýa» lomaý-bölek söwda kärhanalary, «Howdan-Bajgyran» söwda firmasy, Aşgabat şäheriniň Bazarlar birleşigi bar. Bu ýerde ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň önümçilik-söwda guramalary, alyjylar jemgyýetleriniň birleşikleri hem diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdylar.

Sergide telekeçileriň söwda we hyzmatlar ulgamynda gazanýan üstünlikleri bilen hem tanyşdyrylýar. Bu ulgam ýokary hilli harytlary, hyzmatlary hödürlemek bilen, azyk, çaphana önümleriniň, gurluşyk serişdeleriniň, amaly-



haşam sungatynyň önümleriniň we beýlekileriň önümçiligine maýa goýumlary gönükdirýär.

«Hasar», «Hojaly», «Şerbetli ak gar», «Mekan» kärhanalarynyň süýji-köke önümleri bilen bezelen diwarlyklary, «Sahabatly», «Täze aý» hususy kärhanalarynyň süýt önümleri, «Goşa çynar», «Sada» kärhanalarynyň dürli görnüşli içgileri, «Özgeriş», «Ak toprak», «Bereketli» kärhanalarynyň şöhlat we et önümleri sergä gelenleriň ünsüni özüne çekýär. Bu ýerde iri oba hojalyk kärhanalary, guşçulyk, maldarçylyk we balykçylyk, gök-bakja önümlerini, miweleri gaýtadan işlemek boýunça önümçilik toplumlarynyň diwarlyklary hem bar.

Sergä gatnaşýanlaryň birnäçesi halkyň sarp edýän harytlarynyň öndürilişini artdyrmakda hususy pudagyň mümkinçiliklerini görkezýärler. Şolaryň hatarynda döwrebap egin-eşikleri, aýakgaplary, uly islegden peýdalanýan beýleki önümleri öndürýän düzümleri – «Röwşen», «Batly gadam» kärhanalaryny, «Muhammet-Balkan», «Ak suw» hojalyk jemgyýetlerini, dürli aksessuarlary, okuw sumkalaryny, sport aýakgaplaryny öndürmek bilen meşgullanýan telekeçileri görkezmek bolar.

Gözden geçirilişiň çäklerinde mahabat-tanyşdyrylyş çäresi geçirildi. Onda ýurdumyzyň döwlet we hususy düzümleri tarapyndan öndürilýän täze önümler tanyşdyryldy.

Serginiň çäklerinde Dokma senagaty ministrliginiň Modeller öýüniň hem-de Sena-



gatçylar we telekeçiler birleşmesiniň milli lybaslarynyň tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Milli ýörelgeleri häzirki zaman bezeg usullary bilen sazlaşykly utgaşdyrýan türkmen dizaýnerleriniň täze lybaslar toplumlarynyň görkezilmegi sergä aýratyn öwüşgin çaýdy.

Umuman, nobatdaky gözden geçiriliş içerki bazar bolçulygyny üpjün etmäge gönükdirilen meýilnamalaýyn işler we ugurlar bilen giňişleýin tanyşmak üçin ajaýyp mümkinçilik bolup durýar.

7-nji aprel –

## Bütindünýä saglyk güni



Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy döredilenden iki ýyldan soň, has takygy 1950-nji ýyldan bäri her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni bellenip geçilýär. ■ 3

## Welosipediň taryhyndan

Çagalyk ýyllarynyň iň gyzykly güýmenjeleriniň biri hem welosiped sürmek bolsa gerek. Megerem, iki tigirli ulagda gezelenç etmegi, aýlanmagy hemmäňiz halaýansyňyz. Eýsem, welosiped ilkibaşda nähili görnüşde bolduka? ■ 4



## Çempionyň möwsümdäki ilkinji ýeňşi



Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 3-nji ýaryşy Keniýada geçirildi. 3 günläp dowam eden Safari Rallisinde soňky çempion Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy. ■ 5



# SÖWDA ULGAMY KÄMILLEŞDIRILÝÄR

*3-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda ýaýbaňlandyrylan sergä baryp gördi. Bu ýerde ýurdumyzyň söwda toplumyna degişli düzümleriň we telekeçileriň harytlarynyň, öndürýän önümleriniň dürli görnüşleri hem-de hyzmatlary hödürlenilýär.*

Ýurdumyzyň söwda toplumyna degişli düzümler we hususyýetçiler tarapyndan ýaýbaňlandyrylan sergi milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynyň kuwwatlanýandygynyň, olaryň Diýarymyzyň ykdysady ösüşine mynasyp goşant goşýandygynyň nobatdaky beýanyna öwrüldi. Sergide söwda toplumynyň düzümleriniň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň kärhanalarynyň 210-dan gowragynyň öndürýän ýokary hilli önümleriniň we hyzmatlarynyň dürli görnüşleri öz beýanyny tapýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ilki bilen ýurdumyzda sazlaşykly ösüş ýoluna düşen we ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagyna mynasyp goşant goşýan dokma toplumlarynyň ýokary hilli önümleri bilen tanyşdy. Bu ýerde häzirki zaman dokma toplumlarynyň ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa önümleriniň köp görnüşleri görkezilýär. Munuň özi ýurdumyzda hereket edýän dokma toplumlarynyň ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede enjamlaşdyrylandygynyň, olarda ýokary hilli önümleriň öndürilýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Soňky ýyllarda «Türkmenistanda öndürildi» nyşanly dokma önümleri dünýä bazarlarynda öz ornuny pugtalandyrdy. Bu bolsa ýurdumyzyň eksport kuwwatlyklarynyň artmagynyň baş şertini emele getirýär. Gahryman Arkadagymyz sergide görkezilýän harytlar bilen tanşyp, olaryň hil derejesine möhüm ähmiýet berdi.

Türkmenistanda derini gaýtadan işlemek arkaly ýola goýlan önümçilik işjeň ösdürilýär. Munuň özi gön we gön önümleriniň gaýtadan işlenilmegine, olardan dürli görnüşli harytlaryň öndürilmegine giň ýol açýar. Aýratyn-da, ýerli çig mallardan öndürilýän aýakgaplar rahatlygy, hil taýdan ýokary halkara görkezijileri bilen häzirki zamanyň talaplaryna doly laýyk gelýär.

Gön we gön önümlerini taýýarlaýan düzümiň ýolbaşçysy häzirki döwürde netijeli işlemek, önümleriň hilini ýokarlandyrmak hem-de görnüşlerini artdyrmak ugrunda döwlet tarapyndan ähli zerur şertleriň döredilýändigi üçin milli Liderimize, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk bildirdi.

Hünärmen Gahryman Arkadagymyzyň ak pata bermegi bilen, öz esasy işlerinden başga-da, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda häzirki zaman awtomenzilleriniň gurluşyklaryny amala aşyrandyklaryny guwanç bilen gürrüň berdi.

Hormatly Arkadagymyz hünärmene alyp barýan işlerinde üstünlik arzuw edip, ýerli çig maldan öndürilýän önümleriň görnüşleriniň artdyrylmalydygyna, şunda aýakgaplaryň hiline, ýaramlylygyna, rahatlygyna möhüm ähmiýet berilmelidigine ünsi çekdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri sergi bilen tanyşlygyň dowamynda ýurdumyzda öndürilýän önümleriň, harytlaryň degişli derejede mahabatlandyrylmagy bilen baglanyşykly meseleleriň ähmiýetlidigini belläp, bu babatda döwrüň ösen tejribesinden ugur alyp, degişli işleri talabalaýyk guramak babatda sergä gatnaşýan ýolbaşçylara birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow sergide görkezilýän dürli görnüşli matalary synlady. Bellenilişi ýaly, ýerli çig mallardan taýýarlanylýan matalar ýurdumyzyň dokma senagatynyň köpugurly ösdürilýändigini aýdyňlygy bilen äşgär edýär. Sergä gatnaşyjylar öz önümlerini söwda toplumynyň sergisinde görkezmäge döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny bildirdiler.

Şeýle hem bu ýerde azyk önümleriniň, agyz suwlarynyň köp görnüşleri görkezilýär. Munuň özi ýurdumyzda azyk önümleriniň bolçulygyny üpjün etmek, halkymyzyň ösen islegini kanagatlandyrmak hem-de önümleri eksport etmek bilen baglanyşykly meselelere möhüm ähmiýet berilýändiginiň güwäsidir.

Gahryman Arkadagymyz häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän önümçiligi artdyrmak, oňa täzeçil tehnologiýalary, döwrebap usullary ornaşdyrmak meselelerine yzygiderli üns berilmelidigini belläp, şunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, özara tejribe alyşmagyň ähmiýetlidigini nygtady.

Bu ýerde dürli görnüşli et we şöhlat önümleri hem görkezilýär. Guş etinden taýýarlanylýan önümler ýokary hililigi, tagamlylygy bilen tapawutlanýar. Hünärmen guş etinden dürli görnüşli önümleri taýýarlamagyň aýratynlyklary we önümleriň ýerlenilýän bazarlary barada gürrüň berip, bu işleri ýokary derejede alyp barmak ugrunda döredilýän mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri häzirki döwürde dürli ugurlarda alnyp barylýan işleriň ähmiýetini açyp görkezmek, olaryň netijeli işini ýola goýmak bilen baglanyşykly meseleleriň wajypdygyny belläp, bu babatda ähli zerur mümkinçilikleriň döredilmelidigini aýtdy we degişli ýolbaşçylara birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Munuň özi önümçilik kuwwatlyklarynyň yzygiderli artdyrylmagynda aýratyn ähmiýetlidir.

Şol bir wagtyň özünde söwdanyň medeniýetini ýokarlandyrmagyň, ýola goýulýan hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmagyň möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitlenendigini belläp, Gahryman Arkadagymyz täzeçil usullaryň ornaşdyrylmagyna, önüm ugradylýan bazarlaryň geografiýasynyň giňeldilmegine örän jogapkärçilikli, hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidigini belledi.

## 100 müňden gowrak sargyt aldy

Golaýda ilkinji elektroulagyny tanyşdyran «Xiaomi» kompaniýasynyň bu ulagdan 100 müňden gowrak sargyt alandygy mälim edildi. Elektron enjamlaryny öndürmek bilen meşgullanýan kompaniýa «SU7» atly ulagyny 30 müň dollar töweregi bahadan satýar. Ulaglar häzirlikçe diňe Hytaýda satylýar.



Kompaniýa häzire çenli 5 müň ulag öndüripdir. Elektroulaglar haýsydyr bir söwda nokadynda däl-de, müşderileriň öňünden sargyt etmegi esasynda satylýar. Sargyt eden müşderiler ulagyň taýýar bolmagyna garaşmaly bolýarlar. Tanyşdyrylyş dabarasynda müşderileriň 4-7 aý aralygynda garaşmalydygy mälim edilipdi. Ulag tanyşdyrylandan soňra kompaniýanyň paýnamalary 16 göterim gymmatlady.

**Merdan PYHYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 114 ýaşynda aradan çykdy

Wenesuelada ýaşaýan dünýäniň iň garry adamy Huan Wisent Peres Mora 114 ýaşynda aradan çykdy. Bu barada ýurduň Prezidenti Nikolas Maduro X jemgyýetçilik torundaky akkaundynda mälim etdi. Peresiň Taçira welaýatynda ýaşandygy mälim edildi.



1909-njy ýylyň maý aýynda dünýä inen Peresiň 11 çagasy, 41 agtygy, 18 çowlugy we 12 ýuwlugy bar. Ginnesiň rekordlar kitaby 2022-nji ýylda Peresiň dünýäniň iň garry adamydygyny tassyklapdy. Rekordlar kitaby Peresiň bäş ýaşyndan başlap, kakasy we doganlary bilen ekin meýdanynda işläp başlandygyny, şekerçiňrik we kofe hasylyny ýygnamaga kömek edendigini ýazypdy.

**Laçyn ATAGARRYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## «Forbesiň» täze sanawy

«Forbes» žurnaly dünýäniň iň gurply adamlarynyň sanawyny mälim etdi. Meşhur aýdymçy Teýlor Swift ilkinji gezek bu sanawa girdi. Aýdymçynyň umumy baýlygynyň 1,1 milliard dollardygy mälim edildi. Ilkinji onluga girenleriň sekizi amerikan. Olaryň altysy tehnologiýa pudagynda işleýär. Sanawda LVMH kompaniýasynyň başlygy Bernar Arno 233 milliard dollar baýlygy bilen birinji orny eýeledi. «Tesla» we «SpaceX» ýaly kompaniýalara eýeçilik edýän Ilon Mask 195 milliard dollar baýlygy bilen ikinji ýerde barýar. Jeff Bezos üçünji, Mark Zukerberg dördünji boldy. «Forbesiň» täze sanawynda jemi 2 müň 781 adamyň bardygy bellenildi.

**Güljan WELIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Sanly pul geçirimleri üçin platforma

Bankara maliýe telekommunikasiýa jemgyýeti (SWIFT) geljek 1-2 ýylyň dowamynda merkezi banklaryň sanly pul birliklerini özara birikdirmek üçin täze platformanyň döredilmeginiň maksat edinilýändigini mälim etdi. Häzirki wagtda dünýäniň merkezi banklarynyň 90 göterimi sanly pul birligini işläp taýýarlaýar. Global pul geçirimleri tory bolan SWIFT-iň Innowasiýa boýunça başlygy Nik Kerigan bu täzeligiň merkezi banklaryň sanly pul birlikleri bilen bagly iň uly ösüş boljakdygyny aýtdy. Sanly pul birliginiň geçirimi üçin bar bolan infrastrukturanyň ulanylyp bilinjekdigi aýdyldy.



**Muhammetaly NURULLAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## MÜŇ BIR SOGAPLY GIJE

Hormatly Prezidentimiz milli baýramlarymyzyň ýokary derejede geçirilmegine, şol gymmatlyklarymyzyň many-mazmunynyň ýaş nesli halal, Watana wepaly edip ýetişdirmekdäki ähmiýetine aýratyn üns berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip yglan edilen bu ajaýyp ýylymyzda-da mukaddes Oraza aýy dowam edýär.

Mübärek Oraza aýynyň ahyryndaky mukaddes Gadyr gijesi has ähmiýetli hasaplanýar. Bilşimiz ýaly, gadyr sözi gymmatly, juda hormatly diýmekligi aňladýar. Mukaddes Gurhanda «Gadyr gijesi müň aýdan hem haýyrlyrak» diýilýär. Şonuň üçin ol barça günlerden we gijelerden gymmatly hem-de ähmiýetlidir. Ata-babalarymyz hemişe tämizlige, päklige gadyr goýupdyrlar. Oraza baýramyna, Gadyr gijesine ata-babalarymyzyň aýratyn hormat goýanlygy hem şonuň üçindir. Oraza aýy şükranalygyň, sabyrkanagatyň, päkligiň, tämizligiň, doganlyk-dostlugyň aýydyr. Ol ynsanlara dilini gep-gybatdan, kalbyny ýaman niýetden arassa saklamagy, harsydünýälikden, göriplikden, duşmançylykdan, bahylçylykdan saklanmagy ündeýär.

Oraza aýynda adamlar agzaçara ýygnanyp, hal-ahwal soraşýarlar, öten-geçenleri ýatlap aýat-töwir edýärler. Şeýle hem bu mübärek Oraza aýynda her bir maşgalada çapady, byzmyk ýaly nygmatlar bişirilip, «Agzybirlik, baş saglygy bilen indiki aýlara, ýyllara özüň ýetir» diýlip, Beýik Biribardan dileg edilýär.

Gadyr gijesi Oraza aýynyň 26-syndan 27-sine geçilýän gije bellenilýär. Araplar oňa «Leýlýat al-kadr» diýýärler. Onuň manysy «Ýazgyt çözülýän gije» diýmegi aňladýar.

Bu barada Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynyň 372-373-nji sahypalarynda şeýle beýan edilýär. «Muhammet aleýhyssalam Remezan aýy bilen baglanyşykly şeýle diýipdir: «Her kim Remezan aýynda bir gije ybadat etse, gündiz ýalançylykdan, gybatdan, töhmetden, şugulçylykdan özüni saklasa, Haktagala ol bendä müň aý ybadat edeniň sogabyndan hem köpräk sogap berer».

«Gijeleriň serweri Gadyr gijesidir, Gadyr gijesi Remezan aýynyň ýigrimi ýedinji gijesidir».

«Her wagt Gadyr gijesi bolsa, Jebraýyl aleýhyssalam perişdeler bilen geler. Asmanyň iň aňry çäginden gelen ol perişdeleriň sanyny bir Allatagala biler. Özge kimse bilmez. Olar jahany seýran ederler. Her jaýda Allatagalany ýatlap oturan mömin kişiler bar bolsa, olara Allatagalanyň rehmetini dökerler. Daň atandan, ol perişdeler asmana çykarlar».

Gadyr gijesine aýratyn hormat goýulmagy şol gije Muhammet pygambere Alla tarapyndan keremli Gurhanyň aýatlarynyň iberilmegi bilen baglanyşyklydyr. Gadyr gijesinde dürli nygmatlar bişirilip, goňşokara paýlanylýar. Goňşular, dogan-garyndaşlar biri-biriniň tagamyny alşyp, «Kabul bolsun!» diýýärler, öten-geçenleri ýatlap, aýat-töwir edýärler. Aýlar içinde Remezan aýy, gijeler içinde Gadyr gijesi, günler içinde juma güni örän belentdir.

Sogaby müň gijäniň sogabyna barabar görülýän Gadyr gijesiniň hormatyna bendilikde oturanlaryň günäsiniň geçilmegi hormatly Prezidentimiz tarapyndan Remezan aýynda edilýän amallaryň iň sogaplylarynyň biri hökmünde halkymyz tarapyndan kabul edilýär. Bu ynsanperwerlikli iş asylly däbe öwrülip, adamlary ýagşy işlere höweslendirýär, maşgala ojaklaryna şatlyk paýlaýar. Azaşany ýola salmak, büdräne goltgy bermek halkymyzyň ýörelgesi, milli häsiýeti. Şu häsiýet Remezan aýynda has doly ýüze çykýar. Halkymyzyň «Her gijäni Gadyr bil, her geleni Hydyr bil» diýen sözleri hem ata-babalarymyzyň bu gijäniň derejesini nähili ýokary göterendigine şaýatlyk edýär.



Oraza aýynda il-günümiziň tutan orazasy, eden ybadatlary Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

**Hydyrguly WOHANOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy.*

## ÄNEW MEDENIÝETINI AÇYP GÖRKEZÝÄN GYMMATLY ESER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Bu kitaby ýazmakdan maksadym, türkmen we daşary ýurtly okyjylarymy ýurdumyzda alnyp barylýan il-halk bähbitli işleriň geriminiň giňligi, tagallalarynyň beýikligi bilen tanyşdyrmakdan, şeýle hem olary beýik döwletimiziň bagtyýar hem-de ajaýyp geljegi üçin belent işlere ruhlandyrmakdan ybaratdyr» diýip belleýşi ýaly, bu kitap her birimizi ata Watanymyzyň şöhratly taryhyna buýsandyryp, belent maksatly tutumlara galkyndyrýar. Hormatly Prezidentimiziň üç dilde çap edilen «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitaby 3 bapdan hem-de 7 bölümden ybarat bolup, ol şöhratly taryhymyzy öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr.

Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi milli Liderimiziň ýurdumyzyň halkara abraýyny artdyrmakda başyny başlan beýik işleriniň hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidir.



Kitabyň üç dilde neşir edilmeginiň daşary ýurtly okyjylar üçin elýeterli bolmagyny üpjün edýär. Ak bugdaýyň Watany hasaplanýan ajaýyp ülke täze taryhy eýýamda galkynyşy başdan geçirýär. Döwlet Baştutanymyzyň döwran dolanan şäheriň geçmişine bagyşlanan «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze eseri halkymyz üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Bilşimiz ýaly, Änew şäheri irki döwürlerde medeniýetiň ösen ojaklarynyň biri bolupdyr. Alymlaryň geçiren gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan gymmatlyklar hem muny doly tassyklaýar. Hormatly Prezidentimiziň täze eserinde gadymy şäherdäki taryhy ýadygärlikler, olary öwrenmekde birnäçe ylmy işleri alyp baran alymlar hakynda giňişleýin gürrüň berilýär. Bu bolsa Änew şäheriniň dünýä belli alymlaryň nazaryny özüne jemländigini aňladýar.

**Meýlis AKMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 5 ýylda 52 göterim artdy

Dünýäde arassa energiýa çeşmelerine ymtylyş barha artýar. Geçen ýyl bu ugurdaky önümçilik 2019-njy ýyldakydan 52 göterim artyp, 3 müň 869 gigawata ýetipdir. Halkara gaýtadan dikeldilýän energiýa agentliginiň (IRENA) bu barada taýýarlan maglumatynda Gün beketlerinde has köp ösüş gazanylandygy bellenilýär.



Degişli döwürde Gün energiýa beketleriniň önümçilik kuwwaty 138,5 göterim artyp, 1 müň 419 gigawata ýetipdir. Ýel energiýasynda bolsa, 63,5 göterimlik ösüş hasaba alnyp, umumy önümçilik kuwwaty 1 müň 17 gigawat bolupdyr. Degişli döwürde biomassa beketleriniň önümçilik kuwwaty 20 göterim artyp, 150 gigawata, geotermal energiýa beketleriniň önümçilik kuwwaty 7,1 göterim köpelip, 15 gigawata ýetipdir. Gidroelektrik beketlerinde 6,4 göterimlik ösüş hasaba alnyp, 1 müň 268 gigawat bolupdyr.

**Ahmet REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.*

## Dünýäniň iri banklary

«S&P Global Markets Intelligence» maglumat beriş kompaniýasy dünýäniň iň uly banklarynyň sanawyny ýaýratdy. Sanawda Hytaýyň maliýe edaralary agdyklyk edýär. Sanawdaky 50 bankyň 13-si Hytaýa degişli. ABŞ-dan we Fransiýadan 6, Ýaponiýadan 5 bank sanawa girizilipdir.



Sanawda Angliýadan we Kanadadan 5, Italiýadan we Awstraliýadan 2, Şweýsariýadan, Germaniýadan we Niderlandlardan 1 bank bar. Birinji ýerde 5,7 trillion dollar bilen «Industrial & Commercial Bank of China», ikinji ýerde 5 trillion dollar bilen «China Construction Bank» bar. Maglumata görä, oba hojalyk banky bolan «Agricultural Bank of China»-nyň 4,9 trillion dollar, «Bank of China»-nyň 4,2 trillion dollar baýlygy bar. Şeýlelikde, sanawyň ilkinji dört basgançagyny Hytaý banklary eýeläpdir. 5-nji ýeri ABŞ-nyň «JP Morgan Chase & Co» banky (3,7 trillion dollar) eýeläpdir.

**Ýusup PÜRLIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Täze 30 model çykarar

«Nissan» kompaniýasy 2027-nji ýyla çenli 30 täze awtoulag modelini taýýarlap, satuwyny artdyrmagy meýilleşdirýär. Awtoulag önümçiliginde Ýaponiýanyň üçünji kompaniýasy bolan «Nissan Motor» ulaglaryň bahasyny hem düşürmegi meýilleşdirýär.



Şeýlelikde, kompaniýa ýyllyk satuwyny bir million birlik artdyrar. Ýene üç ýyldan ýapon brendiniň öndürýän ulaglarynyň bäşden biri dolulygyna elektrik energiýasy bilen işlär. Ýene bäşden birini gibrid ulaglar emele getirer. Galan 60 göterimi adaty ýangyç bilen işlär. «Nissan» elektroulag önümçiligine beýleki kompaniýalardan has ir başlapdy. Häzirki wagtda bolsa, has köp kompaniýa elektroulag öndürýär.

**Aýgül AMANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Iň uly ýarym Aý heýkeli

Kuweýtiň Ahmadi gubernatorlygynda dünýäniň iň uly ýagtylandyrylan ýarym Aýyň heýkeli açyldy. «Al-Kout» söwda merkeziniň ýanyndaky heýkeliň ululygy 15 metre ýetýär.



Rekord Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynyň wekilleri tarapyndan tassyklandy. Polatdan ýasalan we gündogar äheňindäki nagyşlar bilen haşamlanan heýkel şäheriň deňiz kenaryndaky iň gelim-gidimli ýerleriň birinde ýerleşýär.

**Maýsa BEGIÝEWA,**
*Türkmenbaşy etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Hat ugratmak üçin uçardan peýdalanmagyny bes etdi

German poçta edarasy (Deutsche Post) uçar bilen hat gatnatmagy bes edendigini mälim etdi. Indiden beýläk hatlar ýurduň çäginde awto ýollar arkaly daşalar. Şeýlelikde, hat ibermek bilen bagly ýüze çykýan kömürturşy gazynyň 80 göterim azaljakdygy bellenilýär. Poçta edarasy hatlaryny gatnatmak üçin «Lufthansa» kompaniýasyna degişli «Eurowings» hem-de «Tui Fly» awiakompaniýasynyň uçarlaryndan peýdalanýardy. Ştutgart-Berlin, Hannower-Mýunhen we Hannower-Ştutgart ugurlarynda hat gatnadýan uçarlar soňky uçuşlaryny amala aşyrdylar.



Poçta edarasyna eýeçilik edýän «DHL Group»-yň Germaniýadaky poçta amallary bölüminiň müdiri Mark Hitşfeld klimat özgerişliginiň bolup geçýän döwründe Germaniýanyň içindäki hatlaryň howa gatnawy arkaly daşalmagynyň mundan beýläk bes ediljekdigini aýtdy.

**Ýaňyl SAPARBAÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Ýeňiş kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Elektron enjamlaryň zyňyndysy artýar

Birleşen Milletler Guramasy ulanyşdan galan elektron enjamlar barada maglumat taýýarlady. Maglumatda jan başyna her ýylda 8 kilogram elektron enjam zyňyndysynyň emele gelýändigi, olaryň dörtden biriniň gaýtadan işlenýändigi bellenilýär. 2022-nji ýylda elektron enjamlaryň zyňyndysy rekord derejä ýetip, 62 million tonna bolupdyr. Bu enjamlaryň arasynda ulanylmaly möhletiniň ýarysy ýaly ulanylmadyklarynyň hem az däldigi bellenilýärler. Çem gelen ýere taşlanan enjamlar tebigata zyýan ýetirýär. Bilermenler elektron enjamlaryň maksada laýyk ulanylmalydygyna, olary gaýtadan işleýän pudaga maýa goýum gönükdirilmelidigine ünsi çekýärler.

**Aziza HUDAÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Çigildem bagyndaky robotlar

Dünýäniň iň uly çigildem öndüriji ýurdy bolan Niderlandlarda giň ekin meýdanlarynda emeli aň bilen işleýän robotlardan peýdalanylyp başlandy. «Theo» atly oba hojalyk roboty gije-gündiz «dem-dynjyny alman» işläp bilýär. Çigildemleriň hatar aralaryndan ýöreýän tehnika keselli güli tapyp, ony goparyp alýar. Ýurduň gülzarlyklarynda şeýle robotdan 45 sanysy işledilýär. Roboty öndüren «H2L Robotics» kompaniýasynyň wekilleri robota daýhanlardan alnan maglumatlaryň girizilýändigini belleýärler.

**Suraý GULJANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 5-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113724
Belgisi: 14/1580
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

*Garaşsyz, hemişelik Türkmenistanyň her bir güni halkymyza bagtyýarlyk şuglasyny saçýar. Agzybirligi baýdak edip geçilen menzilleriň dowamynda Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmek döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.*

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi baradaky habar Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň hem-de gadymy Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmeginiň baýramçylyk dabaralarynyň şatlygyny goşalandyrdy.

Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanyň iň ýakyndan hyzmatdaşlyk edýän halkara guramalarynyň biridir. 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli hormatly Prezidentimiz döwlet derejesinde geçiriljek halkara çäräniň guramaçylyk derejesini üpjün etmek üçin Hökümet agzalaryndan ybarat döwlet toparyny döretmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň diplomatik gullugyna ýokary talaplary bildirmek bilen, onuň döwrebap derejede kämilleşmegi we işiniň netijeliliginiň artdyrylmagy, halkara gatnaşyklar ulgamynda milli bähbitleri goramak ukybynyň bolmagy, düýpli ylmy-tejribe binýadynyň döredilmegi we bu esasda ussat hünärmenleriň mynasyp nesliniň taýýarlanylmagy baradaky meseleleri hemişe üns merkezinde saklaýar. Türkmenistanyň giň gerimli halkara hyzmatdaşlygy ileri tutulýan strategik ugurlar boýunça durmuşa geçirilýär. Olar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda alnyp barylmak bilen, ilkinji nobatda, beýleki döwletler hem-de halkara guramalar, aýratyn-da, Birleşen Milletler Guramasy bilen işjeň gatnaşyklary netijeli amala aşyrmaga gönükdirilendir. Türkmenistan Bitarap döwlet hökmünde öz üstüne alan halkara hukuk borçnamalaryna daýanyp, dünýä döwletleri bilen gatnaşyklaryny deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, özara düşünişmek ýörelgeleri esasynda guraýar.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämizi iş ýüzünde amala aşyrmak, daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, durnukly ösüşe hemmetaraplaýyn ýardam bermek, halkara gatnaşyklary ynsanperwerleşdirmek ýaly möhüm maksatlara ýetmäge gönükdirilendir. Konsepsiýada öňde goýlan wezipeler esasynda dünýäde parahatçylyk söýüjilik diplomatiýasyny alyp barýan ýurdumyz halkara derejede dostluk we ynanyşmak ýörelgelerini üpjün etmek üçin tagallalaryny gaýgyrmaýan, netijeli, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolan döwlet hökmünde çykyş etmek bilen, dünýäde oňyn gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly goşant goşýar. Türkmen döwletiniň öňe sürýän başlangyçlarynyň, teklipleriniň düýp özeninde şol maksatlar durýar. Munuň özi berkarar Watanymyzyň ýöredýän daşary syýasatynyň asyrlardan aşyp gelýän hoşniýetlilik we dostdoganlyk ýörelgelerine, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna esaslanýandygyny görkezýär.

Taryh üçin gysga döwürde türkmen Bitaraplygy dünýäde şeýle belent ykrarnama eýe bolup, Aşgabat sebitde we dünýäde ylalaşdyryjy merkeze, türkmen döwleti abadançylygyň goragçysyna, äleme abadançylyk nuruny çaýýan döwlete öwrüldi.



Dürli dawa-jenjelleriň parahatçylykly ýollar bilen çözülmegi ugrunda tagallalar edýän ýurdumyz möhüm halkara başlangyçlary öňe sürýär, «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» taglymatlaryny yzygiderli ilerledýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen 12-nji dekabryň «Halkara Bitaraplyk güni», 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly», 2023-nji ýylyň «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýlip yglan edilmegi ýurdumyzyň dünýäde parahatçylygyň, dostlugyň berkarar bolmagy ugrundaky başlangyçlaryna, köpugurly tagallalaryna örän uly ähmiýet berilýändigini ýene bir gezek äşgär etdi.

**Bagtyýar ALLOWOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň talyby.*

# Türkmen-koreý hyzmatdaşlygy ösdürilýär

*Türkmenistan dünýäniň depginli ösýän ykdysadyýetleriniň birine eýe bolan Koreýa Respublikasy bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ählitaraplaýyn pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýär. Bu ugurda iki ýurduň arasynda guralýan ýokary derejedäki saparlar, duşuşyklar hem aýdyň mysaldyr. Golaýda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Koreýa Respublikasynyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygy boldy. Onda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki ugurlary bilen baglanyşykly meselelere gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy.*

Bu duşuşyk iki ýurduň arasynda hususan-da, ýangyç-energetika, ulag hem-de beýleki möhüm pudaklarda hyzmatdaşlygyň has-da giňeldilmegi üçin giň mümkinçilikler döretdi. Gahryman Arkadagymyz türkmen-koreý işewürlik hyzmatdaşlygynyň köpýyllyk tejribesiniň bardygyny belläp, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan halkara gaz geçirijisiniň gurluşygyny işjeňleşdirmek boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçilikleri, «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmek, ýurdumyzda ýaşlara koreý dilini öwretmek boýunça okuw merkezini gurmak bilen baglanyşykly teklipleri öňe sürdi.

Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan Koreýa Respublikasy bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda, hususan-da, ýangyç-energetika toplumynda, gazhimiýa, uglewodorod serişdelerini gaýtadan işleýän senagatda hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýär.

Soňky ýyllarda türkmen-koreý gatnaşyklarynyň depginli ösüşi iki ýurduň köpugurly ykdysady hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmagy ugur edinýändikleri bilen şertlendirilendir. Aziýa – Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary, şol sanda Koreýa Respublikasy bilen ýygjam gatnaşyklary ýola goýmak Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. Koreýa Respublikasy



Türkmenistanyň maýa goýum babatda işjeň hyzmatdaşlarynyň biridir. Häzirki döwürde ýurdumyzda koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda köp sanly taslamalar amala aşyryldy.

«Hyundai Corporation», «LX International Corp.», «Daewoo Engineering and Construction» ýaly iri koreý kompaniýalary türkmen bazarynyň örän möhüm ulag, gaz we himiýa senagaty hem-de ençeme beýleki pudaklarynda köp wagtdan bäri üstünlikli işläp gelýärler. Dünýäde iň iri ýataklaryň biri bolan «Galkynyş» käninde gazy gaýtadan işlemek boýunça türkmen-koreý hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürilýär.

Awtoulag ulgamynda örän netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Häzire çenli Koreýa Respublikasyndan Türkmenistana ýeňil awtoulaglaryň we ýolagçy awtobuslarynyň müňlerçesi iberildi. Koreýa Respublikasy Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ykrar eden ilkinji döwletleriň biridir. Bu döwlet Aziýa – Ýuwaş umman sebitinde ygtybarly hyzmatdaşlarymyzyň biri hasaplanýar. Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy.

Geçen taryhy döwürde däp bolan türkmen-koreý hyzmatdaşlygy iki ýurduň mümkinçiliklerine we häzirki döwrüň meýillerine laýyklykda ileri tutulýan ugurlarda yzygiderli ösdürildi. Türkmen tarapynyň başlangyjy esasynda döredilen Türkmen-koreý işewürlik geňeşiniň hem-de Söwda, ykdysady, ylmy we tehnologik hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-koreý toparynyň işiniň uzak möhletleýin, özara bähbitli esasda ýola goýulýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň has-da giňeldilmegi üçin möhüm gurallar bolup hyzmat edýändigini nygtamak gerek. Şeýle-de, biziň ýurtlarymyz köptaraplaýyn esasda, şol sanda «Merkezi Aziýa – Koreýa Respublikasy» görnüşinde netijeli gatnaşyklary ösdürýärler.

Soňky ýyllarda Koreýa Respublikasynyň iri kompaniýalary geljegi uly türkmen bazarynda öz ornuny pugtalandyrýar. Olaryň hatarynda «Hyundai Engineering» we «LG International» kompaniýalarynyň «Galkynyş» gaz käninde gazy kükürtden arassalamak boýunça guran desgalaryny mysal görkezmek bolar. Şeýle hem koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Balkan welaýatynyň Gyýanly şäherçesinde polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumy maliýeleşdirildi we guruldy.

**Göwher ANNAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Köpçülikleýin welosipedli ýöriş guralar

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan beýik işleri netijesinde sagdyn durmuş ýörelgesi işjeň ýaýbaňlandyrylýar. Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge, sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreler hormatly Prezidentimiziň hemişe üns merkezinde saklanýar.*

Üstünlikleriň we özgerişlikleriň gözbaşy mähriban halkymyzyň her bir raýatynyň sagdynlygynda we ruhubelentligindedir. Sagdynlygy hem-de ruhubelentligi berkarar etmegiň ilkinji şerti hökmünde sporty, köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmek möhüm bolup durýar. Sagdyn durmuşyň tarapdary milli Liderimiziň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Türkmenistan halkara sport hyzmatdaşlygynyň mekany hökmünde özüni dünýä tanatmagy başardy. Soňky ýyllarda türkmen türgenleriniň gazanýan beýik ýeňişleri, görkezýän ýokary netijeleri muny doly tassyklaýar. Eziz Diýarymyzda kämil türgenleri taýýarlamak, olarda maksadaokgunlylyk, işjeňlik, erjellik we ýeňşe bolan ynamlylyk ýaly häsiýetleri kemala getirmek meselelerine uly üns berilýär.

Bütindünýä saglyk güni mynasybetli Aşgabatda köpçülikleýin welosipedli ýöriş geçirilmegi meýilleşdirilýär. Şeýle hem Olimpiýa şäherçesiniň «Başa-baş söweş sungaty» sport toplumynda halkara ýaryşlarda altyn medallara mynasyp bolan Türkmenistanyň ýygyndy toparlarynyň türgenlerini sylaglamak dabarasy geçiriler. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda ikinji we üçünji orunlary eýelän türgenler sylaglanar. Bu barada 29-njy martda geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hasabat berildi.



Ýurdumyzda öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen sport desgalarynyň sany ýylsaýyn artýar, ýokary derejeli sport düzümleri kemala gelýär. Şol ajaýyp desgalarda sportuň ähli görnüşleri bilen birlikde welosiped sportunyň ösmegine gönükdirilen bäsleşikler, türgenleşikler hem yzygiderli geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, welosiped sürmek ynsan saglygyna oňyn täsir edýän sportuň netijeli görnüşi bolup durýar. Ol adam bedeniniň kämilleşmegine we kesellere garşy durmagyna ýardam berýär.

Welosiped sürlende, beden süňkleri we myşsalary işjeň herekete gelýär. Ol ýürek-damar, dem alyş ulgamyny we aýak myşsalaryny berkidýär. Welosipedi ilki bilen haýal tizlikde sürüp, soňra kem-kemden tizligi artdyrmaly. Ir säher we agşamara welosiped sürmek has-da peýdalydyr.

Saglyk – adamyň baş baýlygy. Şonuň üçin sport bilen meşgullanmak, sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek biziň ýaşaýşymyza lezzet berip, janymyzyň sag, keýpimiziň çag bolmagyna mümkinçilik döredýär.

Halkymyzyň saglygyny ähli zatdan öňde goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*



# «Jennet derwezesi» – Týanmen dagynyň täsinlikleri

Hytaýyň tebigy gözelliklere baý özüne çekiji ýerleriniň biri hem Týanmen dagy bolup, Hunan welaýatynyň Çžanszýasze şäherinden 10 kilometr günortada ýerleşýär. Bu dag gerişleriniň beýikli-pesli dik gaýalarynyň arasynda Týanmen dag milli seýilgähi, «Jennet derwezesi» (Týanmen gowagy), asma baglar ýaly täsinlikleri görmek bolýar. Her ýyl millionlarça syýahatçyny özüne çekýän Týanmen dagy, esasan, ýaz paslynda we güýzde köp adamly bolýar.



Dagyň iň owadan ýerleriniň biri hem «Jennet derwezesi» bolup, depä çykmak üçin 999 basgançak geçmeli. 999 basgançagyň gurulmagy ýöne ýerden däl. Sebäbi hytaý medeniýetinde 9-lyk san bakylygy aňladýar. Iki gaýanyň birleşýän ýerinde tebigy ýagdaýda süýnmek açyk girelge görnüşinde gowak emele gelipdir. Edil dagyň girelge gapysy ýaly görünýän bu ýere «Jennet derwezesi» diýlip at berlipdir. Dagyň girelgesine barmak üçin jülgeden ýokarlygyna beýgelip gidýän basgançaklardan çykmaly. Daş-töweregi tokaý bilen gurşalan bu ýerden ýokary çykmak, esasan hem, 1 müň 260 metr belentlikde bulutlaryň arasynda ýöremek syýahatçylarda täsin duýgulary döredýär. Basgançakly jülgäniň beýikligi 131 metre barabar bolup, ini 50 metr töweregi. «Jennet derwezesinden» geçip, Tan neberesi döwrüne degişli Týanmenşan ybadathanasyna baryp bolýar. Häzirki wagtda 2 gektar meýdany eýeleýän bu ybadathana Tang dinastiýasy döwrüniň binagärlik nusgalary esasynda gurlupdyr.

Týanmen daglarynyň ortaça beýikligi 1 müň metrden geçýär. Bu ýerde dagyň depesine çykmak we dagyň depesindäki tokaý gözelliklerini synlamak üçin asma ulagy hereket edýär. Asma ýoluň uzynlygy 7 müň 455 metre deň. Çžanszýasze şäherinden asma ulaga münüp, täsin gezelenji başdan geçirip bolýar.

Týanmenşan dag şaýoly hem bu ýere gelýän syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri döredýär. «Jennet merduwanlary» hem diýlip atlandyrylýan bu ýoluň uzynlygy bary-ýogy 11 kilometr töweregidir. Öwrüm-öwrüm ýoluň beýikligi 200 metrden 1 müň 300 metre çenli beýgelýändigi sebäpli, meşhur dag ýoly hasaplanýar. Dokuz öwrümli bu ýol dagyň üstünde ýatan aždarha çalym edýär. Bu ýolda türgenleriň arasynda dag welosiped ýaryşlary hem geçirilýär.

Týanmen dagynda dag şaýolundan, asma ýoldan we «Jennet derwezesinden» başga-da, Týanmen dag milli seýilgähi ýerleşýär. Dagyň esasy bölegini emele getirýän seýilgähde Týanmenşan ybadathanasy, Týanmen akademiýasy, aýnadan ýasalan asma ýol, geçmesi kyn dag ýoly, «Awatar» dag sütünleri bar.

## 7-nji aprel –
# BÜTINDÜNÝÄ SAGLYK GÜNI




Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň döredilen gününden (1948-nji ýylyň 7-nji apreli) iki ýyldan soň, has takygy 1950-nji ýyldan bäri her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni bellenip geçilýär. Şu ýyl «Meniň saglygym, meniň hukugym» şygary astynda bellenilýän Bütindünýä saglyk güni mynasybetli halkara derejesinde birnäçe forumlar, konferensiýalardyr pikir alyşmalar geçirilýär. Soňky ýyllarda howanyň üýtgemegi, dünýädäki umumy maýylganlyk, şäher senagatynyň ösmegi we tehnologiýanyň kämilleşmegi adam saglygyna köp babatda täsirini ýetirýär.

Adam saglygy ähli zatdan ileri goýulýan mesele bolup, ekologiýa abadançylygyny gazanmak, käbir kesleriň we ýokuşmalaryň öňüni almak babatda birnäçe işler amala aşyrylýar. Her ýyl Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasyna teklipler hödürlenilip, täze başlangyçlar öňe sürülýär. Bütindünýä saglyk gününiň çäklerinde ýaşaýjylaryň arasynda wagyz işleri geçirilýär. Ilkinji kömek bermek boýunça sapaklar guralyp, ýokanç kesellerden goranmagyň ýollary we usullary barada gürrüňdeşlik geçirilýär.



# WELOSIPED SÜRMEK: saglyk, ruhubelentlik, üstünlik

**Welosiped sürmegiň saglyk üçin uly ähmiýeti bolup, aerobik maşklar toplumyny emele getirýär. Adam saglygy bilen bagly islendik zerurlygy kanagatlandyryp bilýändigi sebäpli, welosipedi dürli ýaşdaky adamlar sürüp bilýär. Sagdyn durmuş ýörelgesine esaslanýan adamlar özlerine sportuň has ýakyn görnüşlerini saýlap alýarlar. Mysal üçin, ylgamak, suwda ýüzmek, konkili ýada rolikli typmak, sport merkezlerine gatnap, bedeni berkitmek we ş.m. Welosiped sürmek hem sagdyn durmuş ýörelgesine esaslanýan adamlaryň aglaba böleginiň iň gyzykly güýmenjesidir. Häzirki wagtda dünýäde welosiped sürmeklige isleg ýokarlanyp, welosipedçiler üçin ýörite ýollar gurulýar, kanuny düzgünnamalar güýje girizilýär.**

**Iki tigirli ulagyň peýdasy sanardan köpdür. Welosiped sürmek adamy beden taýdan taplamaga, wagtyny gyzykly we täsirli geçirmäge mümkinçilik berýär. Welosiped sürýän her bir adam özünde oňyn üýtgeşmeleriň bolup geçýändigine göz ýetirýär. Welosiped sürmek işjeň durmuş ýörelgesine eýermäge kömek edýän, fiziki we akyl saglygyny ösdürýän maşklar toplumydyr. Geliň, welosiped sürmegiň ylmy taýdan subut edilen peýdalary bilen tanyş bolalyň!**

☑ Welosiped sürmek ýürek-damar ulgamynda döräp biljek howplardaky töwekgelçiligiň öňüni almaga mümkinçilik berýär, gan basyşyny kadaly ýagdaýda saklamaga kömek edýär. Lukmanlaryň bellemegine görä, welosiped sürýän adamda ýürek agyry howpy 50 göterime çenli azalýar.

☑ Agramy, takmynan, 50-55 kilogram bolan welosipedçi aýagyň, arkanyň, garnyň we bagryň myşsa hereketini ýokarlandyrmak bilen, ortaça tizlikde 150-250 kaloriýa sarp edýär. Bu bolsa, adamyň artykmaç agramdan dynmagyna ýardam edýär.

☑ Nädogry dem alyş öýkeniň işiniň bozulmagyna sebäp bolýar hem-de beden zerur bolan kislorod bilen üpjün edilmeýär. Welosiped adamyň has rahat, has çuň we ritmiki dem almagyna itergi berýär. Bu bolsa, öýkeniň kuwwatyny ýokarlandyrmaga kömek edýär. Welosiped dem alyş ulgamynda ýyllarboýy toplanan toksinleri hem arassalaýar.

☑ Welosiped sürlende bedeniň myşsalar ulgamy ep-esli güýçlenýär. Dyzyň, but myşsalarynyň hereketi artyp, esasy agram aýaga düşýär. Aýak çarhy aýlamak üçin energiýa sarp edýär. Bogunlardaky sürtülme peselip, şikes ýetmek ähtimallygy azalýar. Bu, esasan, dyzyň işjeň işlemegi bilen baglanyşyklydyr. Mundan başga-da, garyn, bagyr myşsalary, oňurga bogunlary, muskul dokumalary, barmak bogunlary, çiginler güýçli hereket esasynda işjeňleşip, adamda deňagramly hereket emele gelýär. Welosiped sürmek ysmaz keseliniň, gan-damar ulgamynda döräp biljek howplaryň öňüni alýar.

☑ Birnäçe barlaglaryň netijesinde, welosiped sürmegiň işdäňi dolandyrmaga kömek edýändigi subut edildi. Welosiped sürlende işdämenlik gormony işjeňleşip, adamda kadaly iýmit dolanyşygy emele gelýär.

☑ Welosiped sürmek beden üçin örän peýdaly bolup, bejeriş täsirine eýedir. Arassa howada ýerine ýetirilýän welosipedli gezelenç stresden dynmaga mümkinçilik berýär.

☑ Welosiped sürlen wagty sarp edilýän energiýa gije rahat uklamaga kömek edýär. Kadaly uky adam saglygynyň iň möhüm şertleriniň biridir. Lukmanlar gowy uklamak üçin ýatmazdan 4 sagat öň welosiped sürmegi bes etmegi maslahat berýärler.

☑ Irden käte döräp bilýän aňyň bulaşmasy, kellagyry ýaly ýagdaýlar welosiped sürmek arkaly aňsatlyk bilen çözülýär. Welosiped beýnidäki gan aýlanyşygyny gowulandyryp, işjeňligi ýokarlandyrýar.

☑ Welosiped sürýän adam diňe bir ruhy taýdan däl, eýsem, beden taýdan hem ýaşarýar. Fitnes tälimçileriniň pikiriçe, 100 minut welosiped sürmek her gün 20-30 minut ylgamakdan has peýdalydyr. Welosiped sürýänleriň myşsalary has güýçlenýär, metabolik alyş-çalyş ep-esli çaltlaşýar we deri sagdyn hem-de ýaş görünýär.

☑ Welosiped daşky gurşawa zyýansyz, ekologiýa taýdan arassa ulagdyr. Her bir welosipedçi daşky gurşawa bölünip çykýan zyýanly maddalaryň mukdaryny azaltmak bilen jemgyýete peýda getirýär. Mundan başga-da, welosiped sürýän adam ulag dyknyşyklarynyň azalmagyna we ýangyç tygşytlylygyna öz goşandyny goşýar.

**Welosiped süreniňizde ýol hereketiniň howpsuzlyk düzgünlerini berjaý edip, ýüze çykyp biljek şikeslenmelerden özüňizi goraň! Her gezek ýola çykanyňyzda welosipediň umumy ýagdaýyny gözden geçirmegi we gorag başgabyny geýmegi ýatdan çykarmaň! Ýoluňyz ak bolsun!**

# WELOSIPEDIŇ TARYHYNDAN



Çagalyk ýyllarynyň iň gyzykly güýmenjeleriniň biri hem welosiped sürmek bolsa gerek. Megerem, iki tigirli ulagda gezelenç etmegi, aýlanmagy hemmäňiz halaýansyňyz. Eýsem, welosiped ilkibaşda nähili görnüşde bolduka? Bu sport ulagyny kimler oýlap tapdyka? Geliň, welosipediň taryhy bilen gysgaça tanyş bolalyň!

Taryhda ilkinji welosipediň nirede, haçan we kim tarapyndan oýlanyp tapylandygy barada dürli pikirler bar. Häzirkilere meňzeş ilkinji welosipedi 1790-njy ýyllarda fransiýaly Siwrakyň oýlap tapandygy barada aýdylýar. «Celeripede» diýlip atlandyrylan bu ulagyň iki tigiri we gaty agaç gabarasy bolupdyr. Çarhy bolmadyk ilkinji welosipedi aýagyňy gezekleşdirip bat almak arkaly sürmeli bolupdyr. Tutawajy we oturgyjy hem bolmadyk bu ulagyň gitmeli ugruny sürüji bedenini saga ýa-da çepe egmek arkaly kesgitläpdir. Köpler ilkinji welosipediň fransuzlar tarapyndan oýlanyp tapylandygyny tassyklaýan hem bolsa, köpler iki tigirli ulagy nemesleriň oýlap tapandygyny aýdýarlar. 1817-nji ýylda nemes oýlap tapyjysy Karl fon Drez welosipediň kämil görnüşini köpçülige hödürleýär. Iki tigirli agaç çarçuwaly ulaga dolandyryjy tutawaç we oturgyç goýup, «draisienne» (ylgamak üçin ulag) atly welosipedi oýlap tapýar. Şol wagt täze işlenip düzülen welosipediň agramy 22 kilogram bolupdyr. Welosipediň agyrlygy sebäpli, aýagyň bilen itekläp sürmek kyn düşüpdir. Köpler iki tigirli ulagy sürenlerinde çalt ýadaýandyklary sebäpli nägilelik bildiripdirler.



1839-njy ýylda şotlandiýaly Kirkpatrik Makmillan welosipediň esasyny düzýän agaç çarçuwany metal sim bilen çalyşýar. Öňki tigiriň iki gapdalynda welosipedi herekete getirmek üçin öňe-yza gezekleşdirip hereket etdirilýän pedal hem goýýar. Indi welosipedi sürmek biraz aňsatlaşyp, köpçülikleýin ulanylyp başlanýar. 1850-nji ýyllarda deňagramlylygy saklamak meselesini çözmek üçin goşmaça üçünji we dördünji tigirleri bolan welosiped peýda bolýar. Ýöne bu köpçülikleýin ulanylmaýar. 1860-njy ýyllaryň başynda fransuz oýlap tapyjysy Pýer Mihauk pedaly öňki tigirinde bolan, iki tigiriniň arasy gaty ýakyn welosipedi işläp düzýär. Agyr demir çarçuwadan we demir tigirden düzülen bu welosipedi çarkandakly ýollarda sürmek kyn düşüpdir. Şol sebäpli bu iki tigirli ulag «süňk titremesi» diýlip atlandyrylypdyr. 1868-nji ýylda demir tigirleriň daşy rezin bilen örtülýär. Şeýlelikde, welosiped çarkandakly ýollardan «titremän», böküp geçýär. 1870-nji ýyllaryň başynda iňlis oýlap tapyjysy Jeýms Starli has çalt hereket edip biljek welosipedi oýlap tapýar. Starliniň welosipediniň öňki tigiri yzky tigirinden has uly bolup, pedaly, oturgyjy we tutawajy öňki tigirinde ýerleşipdir. Şol döwürleriň meşhur ulagy hasaplanan uly tigirli welosiped soňlugy bilen adamlarda nägilelik döredipdir. 1885-nji ýylda iňlis oýlap tapyjysy Jon Kemp Starli deň ölçegli tigirli, zynjyrly, ýeňil metal çarçuwadan düzülen, häzirki zaman welosipedine meňzeş ulagy işläp düzýär. Bu şol wagta çenli oýlanyp tapylan welosipedleriň içinde has ýeňil we çalt hereket edýän welosiped hasaplanýar. Şol ýyllar welosipede dişli çarhyň ornaşdyrylmagy uly öwrülişik bolup, ýel berilýän tigirler hem oýlanyp tapylýar.

Häzirki wagtda welosipediň dürli ugurlara niýetlenen görnüşleri bar. Dag welosipedlerinden başlap, ýaryş welosipedleri, ýük daşalýan, çagalardyr zenan maşgalalar üçin niýetlenen dürli görnüşi bar. Daşky gurşaw üçin amatly bolan iki tigirli ulag serişdesiniň meşhurlygy soňky ýyllarda has hem artdy. Köp ýurtlarda raýatlar durmuş maksatly hyzmatlarda welosiped ulanmagy laýyk görýärler. Häzirki wagtda dünýäde 1,5 milliarddan gowrak welosiped bar.





# Bägül gunçalary

(Tymsal)

Bahar paslynyň ilkinji günlerinde bir adam öz melleginiň bir künjüne bägül tohumlaryny sepip, oňa ideg edipdir. Günleriň bir güni onuň nazary şu gün erte açylmaly owadan bägül gunçalarynda eglenipdir. Ýöne gülleriň baldagyndaky tikenlere pisindi oturman: «Ýogsa-da nädip, ýiti tikenli ösümliklerden beýle owadan güller açylyp bilýärkä?» diýipdir-de, gunçalap başlan bägüllere idi-yssywat etmesini bes edip, olary suwdan hem kesipdir. Netijede, gunçalap açylmaly bägüller kem-kemden süllermek bilen bolupdyr.

Gynansak-da, käwagt durmuşda-da şuňa meňzeş ýagdaýlar az bolmaýar. Her bir adamda şol bägüller mysaly, ony üýtgeşik edip görkezýän tapawutly häsiýet aýratynlygy bolýar. Ol aýratynlyk biziň ganymyzda, emer-damarymyzda owal başdan ornaşyp, biziň her birimizde bar bolan «tikenleriň» – ýetmezçilikleriň arasynda boý alýarlar. Adatça, biziň köpimiz özgelere seredip, diňe şo «tikenlerdir» kemçilikleri görüp, öz aňymyza görä, baha berýäris.

Özgeleriň «tikenlerine» garaman, olardaky «bägülleri» görüp bilmek ukyby ynsanyýetiň iň naýbaşy aýratynlygydyr. Ynsan köňlüniň çuňlugynda kök uran mynasyp aýratynlyklary nazara alyp, kemçilikleri bolşy ýaly kabul etmek hem adamzada bolan söýginiň bir nyşanydyr. Eger-de biz ynsanlardaky «bägülleri» özlerine görkezmegi başarsak, olar basym özleriniň «tikenlerinden» dynmagyň ugruna çykarlar. Şondan soň olar hemişe «gül açyp pajarlarlar».



7 tapawudy tapyň!



Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!



## Näçe sany?



Labirint



Gyzykly pursat



13-nji skanwordyň jogaby:



19-njy krosswordyň jogaby:



20-nji krosswordyň jogaby:



14-nji SKANWORD



Arazberdi AKMAMMEDOW,
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

15-nji SKANWORD



Suleýman GURBANSAHEDOW, *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 21-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Dermanlyk ösümlik. **2.** Hepdäniň bir güni. **3.** Döwürleýin neşir. **4.** Talanyp alnan olja. **5.** Himiýa barlaghanalarynda ulanylýan gural. **6.** Iň haýal jandarlaryň biri. **7.** «... bir söz bes, akmaga müň söz hebes» (nakyl). **14.** Günorta Amerikadaky bir ýurt. **15.** Demir ýol işgäri. **17.** «Akdyr, gar däldir,/Ýumşakdyr, ýüň däldir» (matal). **18.** «... gökde, duzak ýerde» (nakyl). **21.** Ýapon taryhynda iň täsirli samuraýlaryň biri. **22.** Ýüň matanyň bir görnüşi. **27.** Wengriýanyň paýtagty. **28.** Işi çep eli bilen etmäge endik eden. **30.** Gowşak, başarnyksyz. **31.** Güberçek şekil. **33.** Motosikliň bir görnüşi. **34.** Film baýragy. **35.** Çiliniň port şäheri.

**KESELIGINE:** **3.** Süýt önümi. **8.** «Buz üstünde tozan ...» (nakyl). **9.** Geçiniň, keýigiň alty aýlyga çenli çagasy. **10.** Zyýan. **11.** Nagyş. **12.** Bagly, bekli (köne söz). **13.** Çaý gaýnatmak üçin ýuka demirden ýasalan tüňçe. **16.** Öýke-.... **17.** Sygyr sürüsi. **19.** Afrikada bir döwlet. **20.** Kompýuter antiwirusy. **23.** Süzmeden taýýarlanýan önüm. **24.** Fransuz awtoulag önümçilik korporasiýasy. **25.** ...-işikli. **26.** Türk nakgaşy Nuri .... **29.** Aýdym-saz termini. **30.** Italýan egin-eşik kompaniýasy ... Piano. **32.** ...-terbiýe. **33.** Täze Zelandiýanyň ýerli halky. **36.** Şwesiýanyň owadan şäheri. **37.** Kiçijik pil, pilçe. **38.** Top. **39.** Beden agzasy. **40.** Guradylan ir-iýmiş. **41.** Gamçy.

## Futbolyň taryhynda 13 müň gola ýeten ilkinji klub



● Futbolyň taryhynda ilkinji gezek bir klub 13 müň gola ýetdi. Braziliýanyň welaýat ligasy «Carioca Serie A»-nyň finalynyň 1-nji duşuşygynda «Flamengo» topary myhmançylykda «Nowa Iguasu» topary bilen duşuşdy. Duşuşykda myhmançylykdaky «Flamengo» topary 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Rio de Žaneýrolylara ýeňiş getiren gollaryň 2-sini Pedro, beýlekisini-de Ronald dos Santos Silwa öz derwezesinden geçirdi. Duşuşykda derweze girizilen 2-nji gol «Flamengo» toparynyň taryhyndaky 13 000-nji gol boldy. Şunlukda, «Flamengo» topary futbolyň taryhynda 13 müň gola ýeten ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy.

1911-nji ýylda esaslandyrylan klub Braziliýanyň çempionatynda 7, welaýat ligasynda 37, Kopa Libertadores Kubogyndada 3 çempionlyk gazandy. Welaýat ligasy «Carioca Serie A»-nyň finalynyň jogap duşuşygy 7-nji aprelde oýnalar.

**MART AÝYNDA ÇEMPIONLYGYNY YGLAN ETDI**

● Azerbaýjanyň «Premýer Ligasynda» çempion mart aýynda belli boldy. Çempionatyň 28-nji tapgyrynda myhmançylykda «Kepezi» 6–1 hasabynda ýeňen «Garabag» möwsümiň tamamlanmagyna 8 tapgyr galanda, «Premýer Liganyň» çempionlygyny gazandy. Bassyr 2-nji, umumylykda 11-nji çempionlygyny baýram eden «Garabag» çempionatda mart aýynda çempionlyk gazanan ilkinji klub boldy.




## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*5-nji aprel (anna)*

**Aýntraht – Werder (23:30)**
**Lill – Marsel (00:00)**

*6-njy aprel (şenbe)*

**K. Palas – Man. Siti (16:30)**
**Milan – Leçÿe (18:00)**
**Union Berlin – Baýer (18:30)**
**Haýdenhaým – Bawariýa (18:30)**
**Fraýburg – Leipsig (18:30)**
**Roma – Lasio (21:00)**
**Braýton – Arsenal (21:30)**
**Borussiýa D – Ştutgart (21:30)**
**PSŽ – Klermon (00:00)**
**Atletik – Malýorka (final, 01:00)**

*7-nji aprel (ýekşenbe)*

**Seltik – Reýnjers (16:00)**
**Monza – Napoli (18:00)**
**Man. Ýunaýted – Liwerpul (19:30)**
**Şeffild Ýun. – Çelsi (21:30)**
**Dinamo – Spartak (21:30)**
**Ýuwentus – Fiorentina (23:45)**
**Nant – Lion (23:45)**

*8-nji aprel (duşenbe)*

**Udineze – Inter (23:45)**
**Tottenham – N. Forest (00:00)**

## 4-nji tapgyrda ýer eýeleri, 5-nji tapgyrda myhmanlar ýeňiş gazandy

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 4-nji tapgyrda ýer eýeleri, 5-nji tapgyrda-da myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy. 4-nji tapgyrda 12, 5-nji tapgyrda 17 gol derweze girizildi.



Soňky çempion «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Ahal» toparyndan 4-1 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary 10-njy minutda Welmyrat Ballakow, 45+2-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Arslanmyrat Amanow, 63-nji minutda Altymyrat Annadurdyýew, 67-nji minutda-da Begenç Akmämmedow geçirdi. «Ahal» toparynyň ýeke-täk golunу bolsa 38-nji minutda Alibek Abdyrahmanow öz adyna ýazdyrdy.

«Altyn asyr» öz meýdançasynda «Nebitçini» Selim Nurmyradow (17) bilen Wahyt Orazsähedowyň (50) gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Nebitçiniň» adyndan 53-nji minutda Myratdurdy Baýramow tapawutlandy. «Merw» hem şol bir hasap bilen «Köpetdagdan» üstün çykdy. «Merwe» ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 14-nji we 38-nji minutlarda Guwanç Berdimyradow derweze girizdi. «Köpetdag» toparyndan Döwletmyrat Seýitmuhammedowyň 51-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi. «Şagadam» öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny Emir Berdiýewiň 90+2-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda utdy. Oýnuň soňky minutlary dartgynly geçip, ýer eýelerinden 2, myhmanlardan 1 oýunça gyzyl kart görkezildi. Onsuzam «Aşgabat» topary soňky 10 minuty 1 oýunçy kem oýnapdy.

Çempionatyň 5-nji tapgyrynda «Arkadag» topary «Aşgabat» toparyny 8–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 3 futbolçy dubl edip, «Arkadag» toparynyň gollaryny 5-nji we 22-nji minutlarda Altymyrat Annadurdyýew, 12-nji we 20-nji minutlarda Begenç Akmämmedow, 21-nji we 58-nji minutlarda Arslanmyrat Amanow, şeýle-de, 28-nji minutda Welmyrat Ballakow hem-de 30-njy minutda Ilýa Tamurkin geçirdi. «Aşgabat» toparynyň ýeke golunу-da 40-njy minutda Oraz Orazow derweze girizdi.

«Ahal» bilen «Altyn asyryň» arasyndaky oýunda aragatnaşykçylar Selim Nurmyradowyň 26-njy we 38-nji minutlarda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi.

Mary welaýat derbisinde «Merw» myhmançylykda «Energetik» toparyndan 1–0 hasabynda üstün çykdy. Kemal Annamuhammedowyň 56-njy minutdaky ýeke-täk goly «Merw» üçin ýeňşe ýeterlik boldy.

Paýtagtymyzda oýnalan «Köpetdag» – «Şagadam» duşuşygynda-da deňizýaka şäheriniň wekili 4–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Myhmanlar Şiri Annaýewiň 13-nji minutdaky goluna Röwşen Baýlyýewiň (10), Mekan Aşyrowyň (29 p), Arslan Ýollyýewiň (45) hem-de Hydyrgeldi Atdjanowyň (54) gollary bilen jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 4 | 4 | 0 | 0 | 20-2 | 12 |
| 2 | «ŞAGADAM» | 5 | 3 | 0 | 2 | 8--5 | 9 |
| 3 | «AHAL» | 5 | 3 | 0 | 2 | 8--6 | 9 |
| 4 | «MERW» | 5 | 3 | 0 | 2 | 4--3 | 9 |
| 5 | «AŞGABAT» | 5 | 2 | 1 | 2 | 5--9 | 7 |
| 6 | «ALTYN ASYR» | 4 | 2 | 0 | 2 | 5--6 | 6 |
| 7 | «NEBITÇI» | 4 | 1 | 0 | 3 | 3--9 | 3 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 4 | 0 | 2 | 2 | 3--7 | 2 |
| 9 | «ENERGETIK» | 4 | 0 | 1 | 3 | 1--10 | 1 |





## HET-TRIKLERIŇ «HÖKÜMDARY»

Saud Arabystanynyň çempionatynda 26-njy tapgyrda 2-nji ýerdäki «Al Nassr» topary myhmançylykda aşaky orunlarda barýan «Abha» toparyndan 8–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda super ýyldyz Kristiano Ronaldo 3 gol geçirip, bassyr 2-nji duşuşygynda het-trik etmegi başardy. Ol duşuşygyň 11-nji, 21-nji hem-de 42-nji minutlarynda tapawutlandy. Eýýäm 1-nji ýarymda 5–0 öňe saýlanan «Al Nassr» toparynyň portugaliýaly ýyldyzy 2-nji ýarymyň başynda oýundan çykaryldy. 39 ýaşyndaky futbolçy 1 goluň pasyny hem berdi. Duşuşykdaky beýleki gollary Sadio Mane (33), Abdulmajid Al-Sulaihim (44), Abdulrahman Garib (51) hem-de Abdulaziz Al-Aliwa (63, 86) geçirdi.

Şunlukda, Kristiano Ronaldonyň het-trikleriniň sany 65-e ýetdi. Ol geçiren gollarynyň 2-sini jerime urgusyndan derweze girizdi. Onuň jerime urgusyndan geçiren gollarynyň sany 63-e ýetip, bu görkeziji boýunça Lionel Messiden 2 gol azlyk edýär. Het-trikler boýunça bolsa Messiden (57 het-trik) ep-esli öňe saýlanan Ronaldo mundan öňki tapgyrda «Al Nassryň» öz meýdançasynda «Al-Tai» toparyny 5–1 hasap bilen ýeňen duşuşygynda-da 3 gol geçiripdi. Ronaldo soňky gezek 2015-nji ýylda yzly-yzyna 2 het-trik edipdi.

Ronaldonyň şu möwsümde çempionatda geçiren gollarynyň sany 29-a ýetip, ol sanawyň başyny çekýär. Ronaldo umumylykda «Al Nassr» toparynda 60 oýunda 56 gol geçirip, 14 goluň pasyny berdi.

## Çempionyň möwsümdäki ilkinji ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 3-nji ýaryşy Keniýada geçirildi. 3 günläp dowam eden Safari Rallisinde soňky çempion Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy. «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi 19 tapgyrdan ybarat 355,92 kilometrlik ýaryşy 3 sagat 36 minut 4 sekuntda tamamlap, möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 12-nji ýeňşini baýram etdi. Rowanperadan 1 minut 37,8 sekunt yza galan ýaponiýaly topardaşy Takamoto Katsuta 2-nji



ýeri eýeledi. «M-Sport» toparynyň fransuz sürüjisi Adrien Furmo 3 sagat 38 minut 29,1 sekuntda ýaryşy tamamlap, 3-nji orna mynasyp boldy.

Sanawyň lideri, «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.

Geçirilen 3 ýaryşdan soň Noýwill 67 utuk bilen 1-nji ornuny saklamagyny dowam edýär. 2-nji ýerdäki britaniýaly Elfin Ewansyň 61 utugy bar. 3 ýaryşyň 2-sinde münbere çykmagy başaran Adrien Furmo 46 utuk bilen 3-nji basgançakda barýar.

Möwsümiň 4-nji ýaryşy 18-21-nji aprelde Horwatiýanyň paýtagty Zagreb şäherinde geçiriler.

## 3-nji finalynda ýeňiji boldy

Tennis boýunça ABŞ-da geçirilen «Maýami Açyk» «Masters» ýaryşynda erkekleriň ara-



synda italiýaly Ýannik Sinner, zenanlardan amerikaly Danielle Kollins ýeňiş gazandy.

1 sagat 13 minutda tamamlanan erkekleriň arasyndaky finalda Sinnere bolgariýaly Grigor Dimitrowy ýeňmek kyn düşmedi. 1-nji setde 6:3, 2-nji setde 6:1 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Ýannik Sinner «Maýami Açykdaky» 3-nji finalynda ilkinji çempionlygyny baýram etdi. 2-nji gezek «Masters» ýaryşlarynda çempion bolan Sinner 2021-nji we 2023-nji ýyllarda finalda utulypdy. Bu çempionlykdan soň sanawda 3-nji ýerden 2-nji orna beýgelen Sinner karýerasy boýunça 13-nji kubogyny gazandy.



Zenanlaryň arasyndaky finalda-da 53-nji ýerdäki Danielle Kollins bilen gazagystanly Ýelena Rybakina duşuşdy. 2 sagat 2 minutlap dowam eden duşuşykda Kollins güýçli garşydaşyny 7:5 we 6:3 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 3-nji WTA çempionlygyny gazandy. Ol bu çempionlykdan soň 22-nji basgançaga beýgeldi. WTA-nyň sanawynda 4-nji basgançakda barýan Rybakina «Maýami Açykda» geçen ýylam finalda çehiýaly Petra Kwitowadan ýeňlipdi.

## Germaniýada hem-de Fransiýada kubok ýaryşynyň finalçylary belli boldy



Germaniýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Kaizerslautern» bilen «Baýer» toparlary duşuşarlar. «Kaizerslautern» topary ýarym finalda mundan öňki tapgyrlarda degişlilikde, «Bawariýa», «Aýntraht», «Borussiýa M» toparlaryny ýaryşdan çykaran 3-nji liganyň wekili «Saarbrukken» toparyny 2–0 hasabynda ýeňdi. 21 ýyldan soň finala çykan «Kaizerslauterniň» finaldaky bäsdeşi «Baýer» topary ýarym finalda «Fortuna Düsseldorf» toparyny 4–0 hasabynda utdy. Ýeňilmezlik seriýasy 40 oýna çykan we 5-nji sapar finalda oýnamaga hukuk gazanan «Baýeriň» gollaryny Frimpong (7), Adli (20) hem-de Wirts (36, 60 p) geçirdi. Final duşuşygy 25-nji maýda Berlinde geçiriler.



* * *

Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda «Lion» 12 ýyldan soň finala çykyp, olar ýarym finalda 2-nji liga wekilçilik edýän «Walansien» toparyny 3–0 hasabynda ýeňdi. «Liona» ýeňiş getiren gollary Lakazett (51 p, 57) hem-de Orban geçirdi. «Lion» finalda PSŽ bilen duşuşar. PSŽ ýarym finalda «Renn» toparyndan Kilian Mbappeniň 40-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen üstün çykdy. 9-njy gezek finala çykan «Lion» bilen 20-nji sapar finala çykan PSŽ-niň arasyndaky aýgytlaýjy duşuşyk 25-nji maýda Lill şäherinde geçiriler.



* * *

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda-da ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Lasiony» Kiezanyň (50) hem-de Wlawowiçiň (64) gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. «Fiorentina» bolsa Florensiýada «Atalantany» Mandragoranyň 31-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Jogap oýunlary 23-nji we 24-nji aprelde oýnalar.



## «Baýer» çempionlyga barha golaýlaýar






Germaniýanyň çempionatynda sanawyň ýeňlişsiz lideri «Baýer» bu derejesini soňky minutlarda hem bolsa goramagy başardy. Öz meýdançasynda «Hoffenhaýmy» kabul eden «Baýer» topary 33-nji minutda Maksimillian Baýeriň goluna alaç tapyp bilmedi. Ýer eýelerine bu gola jogap bermek ýeňil düşmedi. 88-nji minutda Andrih bilen hasaby deňlän lewerkuzenlilere ýene-de Patrik Şik 90+1-nji minutda geçiren goly bilen ýeňiş getirdi. Şunlukda, «Baýeriň» ýeňilmezekligi 39 oýna çykdy. Tapgyryň iň esasy oýnunda, «Der Klassiker» duşuşygynda «Bawariýa» öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmunddan» 2–0 hasabynda utuldy. 5 ýyldan soň garşydaşyny ilkinji gezek ýeňen dortmundlylaryň gollaryny Adeýemi bilen Rýuerson geçirdi. «Borussiýa» topary «Bawariýany» 10 ýyldan soň ilkinji gezek myhmançylykda ýeňip, umumylykda 11 duşuşykdan soň ýeňlişe sezewar etdi. Bu ýeňlişden soň «Baýer» «Bawariýadan» 13 utuk öňe saýlanyp, galan 7 oýnuň 3-sinde gazanyljak ýeňiş olara taryhyndaky ilkinji çempionlygyny baýram etdirer. Öz meýdançasynda «Haýdenhaým» bilen duşuşan «Ştutgart» 2–0 öňe geçse-de, myhmanlar 85-nji minutda hasaby 3–2-ä ýetirdiler. Ýöne 90+8-nji minutda Deniz Undawyň geçiren golundan soň «Ştutgart» ýeňlişden halas boldy.

**PREMIER LEAGUE (31) — 18 gol**

**Nottingam Forest—Fulham: 3–1** (Hadson-Odoi 9, Wud 19, Gibbs-Waýt 45+3 — Adarabioýo 49), **Nýukasl—Ewerton: 1–1** (Isak 15 — Kalwert-Lýuin 88 p), **Býornli— Wulwerhempton: 1–1** (Brun-Larsen 37 —Aýt-Nuri 45+3), **Bornmut—Kristal Palas: 1–0** (Klýuwert 79), **West Ham—Tottenham: 1–1** (Zuma 19 — Jonson 5), **Arsenal—Luton Tawn: 2–0** (Edegor 24, Hasioka 44 ö.d.), **Brentford—Braýton: 0–0, Man. Siti—Aston Willa: 4–1** (Rodri 11, Foden 45+1, 62, 69 — Duran 20), **Liwerpul—Şeffild Ýunaýted, Çelsi—Man. Ýunaýted**

**LA LIGA (30) — 17 gol**

**Kadiz—Granada:1–0** (Nawarro 51), **Hetafe—Sewilýa: 0–1** (Serhio Ramos 5), **Almeriýa—Osasuna: 0–3** (Arnais 2, Budimir 9, Munios 61), **Walensiýa—Malýorka: 0–0, Barselona—Las Palmas: 1–0** (Rafinýa 59), **Žirona—Betis: 3–2** (Dowbyk 36 p, 65, Stuani 90+2 — Willian 45+4, 76), **Selta— Raýo Wallekano: 0–0, Alawes—Real Sosiedad: 0–1** (Paçeko 59), **Real Madrid—Atletik Bilbao: 2–0** (Rodrigo 8, 73), **Wilýarreal—Atletiko: 1–2** (Serlot 50 — Witsel 9, Saul 87)

**SERIE A (30) — 19 gol**

**Napoli—Atalanta: 0–3** (Mirançuk 26, Skamakka 45, Koopmeýners 88), **Torino—Monza: 1–0** (Sarabiýa 69 p), **Jenoa—Frozinone: 1–1** (Gudmundsson 30 p — Reýnir 36), **Lasio—Ýuwentus: 1–0** (Maruşiç 90+3), **Fiorentina—Milan: 1–2** (Dunkan 50 — Loftus-Çik 47, Leao 53), **Bolonýa—Salernitana: 3–0** (Orsolini 14, Salemakers 44, Likoýannis 90+2), **Sassuolo—Udineze: 1–1** (Defrel 41 — Towen 44), **Kaliari—Werona: 1–1** (Sulemana 74 — Bonazzoli 30), **Leççe—Roma: 0–0, Inter—Empoli: 2–0** (Dimarko 6, Sançes 81)

**BUNDESLIGA (27) — 22 gol**

**Aýntraht—Union Berlin: 0–0, Baýer—Hoffenhaým: 2–1** (Andrih 88, Şik 90+1 — Baýer 33), **Borussiýa M—Fraýburg: 0–3** (Gregoriç 7, Rýol 47, Doan 58), **Werder—Wolfsburg: 0–2** (Lakrua 45+4, Maýer 84), **Leipsig—Maýns: 0–0, Bawariýa—Borussiýa D: 0–2** (Adeýemi 10, Rýuerson 83), **Augsburg—Köln: 1–1** (Maýer 18 — Zelke 33), **Ştutgart—Haýdenhaým: 3–3** (Girassi 41, Ştiller 53, Undaw 90+8 — Nübel 62 ö.d., Klýaýndinist 84, 85), **Bohum—Darmştadt: 2–2** (Hofmann 30, 48 — Skarke 62, Wilhelmsson 76)

**LIGUE 1 (27) — 25 gol**

**Lill—Lans: 2–1** (Žegrowa 9, 60 — Wai 78), **Mets—Monako: 2–5** (Diallo 78, Sane 84 — Minamino 4, Akliuş 10, Wanderson 16, Balogun 78, 88), **Lion—Reýms: 1–1** (Nuama 65 — Okumu 55), **Loriýan—Brest: 0–1** (Del Kastilýo 86), **Le Hawr—Monpelie: 0–2** (Ferri 72, Žulien 80), **Klermon—Tuluza: 0–3** (Sierro 8 p, 79, Dallinga 73), **Nissa—Nant: 1–2** (Moffi 72 p — Ablin 19, Mohamed 76 p), **Strasbur—Renn: 2–0** (Senaýa 71, Seba 73), **Marsel—PSŽ: 0–2** (Witinýa 53, Ramuş 85)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 30 | 21 | 5 | 4 | 72-24 | 68 |
| 2 | LIWERPUL | 29 | 20 | 7 | 2 | 67-27 | 67 |
| 3 | MAN. SITI | 30 | 20 | 7 | 3 | 67-29 | 67 |
| 4 | ASTON WILLA | 31 | 18 | 5 | 8 | 63-46 | 59 |
| 5 | TOTTENHAM | 30 | 17 | 6 | 7 | 62-44 | 57 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 29 | 15 | 3 | 11 | 40-40 | 48 |
| 7 | WEST HAM | 31 | 12 | 9 | 10 | 50-55 | 45 |
| 8 | NÝUKASL | 30 | 13 | 5 | 12 | 64-52 | 44 |
| 9 | BRAÝTON | 30 | 11 | 10 | 9 | 51-46 | 43 |
| 10 | W. HEMPTON | 30 | 12 | 6 | 12 | 43-47 | 42 |
| 11 | BORNMUT | 30 | 11 | 8 | 11 | 44-53 | 41 |
| 12 | ÇELSI | 28 | 11 | 7 | 10 | 49-47 | 40 |
| 13 | FULHAM | 31 | 11 | 6 | 14 | 47-50 | 39 |
| 14 | K. PALAS | 30 | 7 | 9 | 14 | 34-50 | 30 |
| 15 | BRENTFORD | 31 | 7 | 7 | 17 | 42-55 | 28 |
| 16 | EWERTON | 30 | 8 | 8 | 14 | 31-42 | 26 |
| 17 | N. FOREST | 31 | 7 | 8 | 16 | 39-53 | 25 |
| 18 | LUTON TAWN | 31 | 5 | 7 | 19 | 43-64 | 22 |
| 19 | BÖRNLI | 31 | 4 | 7 | 20 | 32-66 | 19 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 29 | 3 | 6 | 20 | 27-77 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 18 |
| 2 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 16 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 16 |
| 4 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 16 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 15 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 30 | 23 | 6 | 1 | 66-20 | 75 |
| 2 | BARSELONA | 30 | 20 | 7 | 3 | 61-34 | 67 |
| 3 | ŽIRONA | 30 | 20 | 5 | 5 | 62-36 | 65 |
| 4 | ATLETIKO M | 30 | 18 | 4 | 8 | 56-35 | 58 |
| 5 | ATLETIK B | 30 | 16 | 8 | 6 | 50-28 | 56 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 30 | 13 | 10 | 7 | 43-31 | 49 |
| 7 | BETIS | 30 | 10 | 12 | 8 | 36-36 | 42 |
| 8 | WALENSIÝA | 29 | 11 | 8 | 10 | 32-32 | 41 |
| 9 | OSASUNA | 30 | 11 | 6 | 13 | 36-43 | 39 |
| 10 | WILÝARREAL | 30 | 10 | 8 | 12 | 48-53 | 38 |
| 11 | HETAFE | 30 | 9 | 11 | 10 | 37-43 | 38 |
| 12 | LAS PALMAS | 30 | 10 | 7 | 13 | 29-33 | 37 |
| 13 | ALAWES | 30 | 8 | 8 | 14 | 26-36 | 32 |
| 14 | MALÝORKA | 30 | 6 | 13 | 11 | 25-35 | 31 |
| 15 | SEWILÝA | 30 | 7 | 10 | 13 | 37-44 | 31 |
| 16 | R. WALLEKANO | 30 | 6 | 12 | 12 | 25-38 | 30 |
| 17 | SELTA | 30 | 6 | 10 | 14 | 32-44 | 28 |
| 18 | KADIZ | 30 | 4 | 13 | 13 | 21-40 | 25 |
| 19 | GRANADA | 29 | 2 | 8 | 19 | 30-59 | 14 |
| 20 | ALMERIÝA | 30 | 1 | 10 | 19 | 28-60 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 16 |
| 2 | Artem DOWBYK (Žirona) | 16 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 16 |
| 4 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 15 |
| 5 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 30 | 25 | 4 | 1 | 73-14 | 79 |
| 2 | MILAN | 30 | 20 | 5 | 5 | 57-34 | 65 |
| 3 | ÝUWENTUS | 30 | 17 | 8 | 5 | 44-24 | 59 |
| 4 | BOLONÝA | 30 | 16 | 9 | 5 | 45-25 | 57 |
| 5 | ROMA | 30 | 15 | 7 | 8 | 55-35 | 52 |
| 6 | ATALANTA | 29 | 15 | 5 | 9 | 54-32 | 50 |
| 7 | LASIO | 30 | 14 | 4 | 12 | 37-33 | 46 |
| 8 | NAPOLI | 30 | 12 | 9 | 9 | 44-36 | 45 |
| 9 | TORINO | 30 | 11 | 11 | 8 | 29-26 | 44 |
| 10 | FIORENTINA | 29 | 12 | 7 | 10 | 42-34 | 43 |
| 11 | MONZA | 30 | 11 | 9 | 10 | 32-37 | 42 |
| 12 | JENOA | 30 | 8 | 11 | 11 | 32-37 | 35 |
| 13 | LEÇÇE | 30 | 6 | 11 | 13 | 26-45 | 29 |
| 14 | UDINEZE | 30 | 4 | 16 | 10 | 29-45 | 28 |
| 15 | WERONA | 30 | 6 | 9 | 15 | 27-40 | 27 |
| 16 | KALIARI | 30 | 6 | 9 | 15 | 30-51 | 27 |
| 17 | FROZINONE | 30 | 6 | 7 | 17 | 38-61 | 25 |
| 18 | EMPOLI | 30 | 6 | 7 | 17 | 22-45 | 25 |
| 19 | SASSUOLO | 30 | 6 | 6 | 18 | 34-57 | 24 |
| 20 | SALERNITANA | 30 | 2 | 8 | 20 | 23-62 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 15 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 12 |
| 4 | Paulo DIBALA (Roma) | 12 |
| 5 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 11 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 27 | 23 | 4 | 0 | 68-19 | 73 |
| 2 | BAWARIÝA | 27 | 19 | 3 | 5 | 78-33 | 60 |
| 3 | ŞTUTGART | 27 | 18 | 3 | 6 | 63-34 | 57 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 27 | 15 | 8 | 4 | 55-32 | 53 |
| 5 | LEIPSIG | 27 | 15 | 5 | 7 | 60-32 | 50 |
| 6 | AÝNTRAHT | 27 | 10 | 11 | 6 | 42-35 | 41 |
| 7 | AUGSBURG | 27 | 9 | 9 | 9 | 44-43 | 36 |
| 8 | FRAÝBURG | 27 | 10 | 6 | 11 | 39-48 | 36 |
| 9 | HOFFENHAÝM | 27 | 9 | 6 | 12 | 45-52 | 33 |
| 10 | WERDER | 27 | 8 | 6 | 13 | 35-43 | 30 |
| 11 | HAÝDENHAÝM | 27 | 7 | 9 | 11 | 38-47 | 30 |
| 12 | UNION BERLIN | 27 | 8 | 5 | 14 | 25-42 | 29 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 27 | 6 | 10 | 11 | 46-53 | 28 |
| 14 | WOLFSBURG | 27 | 7 | 7 | 13 | 33-44 | 28 |
| 15 | BOHUM | 27 | 5 | 11 | 11 | 32-56 | 26 |
| 16 | MAÝNS | 27 | 3 | 11 | 13 | 22-46 | 20 |
| 17 | KÖLN | 27 | 3 | 10 | 14 | 21-48 | 19 |
| 18 | DARMŞTADT | 27 | 2 | 8 | 17 | 28-67 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 31 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 23 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 19 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 15 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 14 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 27 | 18 | 8 | 1 | 64-23 | 62 |
| 2 | BREST | 27 | 14 | 8 | 5 | 37-20 | 50 |
| 3 | MONAKO | 27 | 14 | 7 | 6 | 52-38 | 49 |
| 4 | LILL | 27 | 12 | 10 | 5 | 39-24 | 46 |
| 5 | NISSA | 27 | 12 | 7 | 8 | 28-22 | 43 |
| 6 | LANS | 27 | 12 | 6 | 9 | 36-29 | 42 |
| 7 | MARSEL | 27 | 10 | 9 | 8 | 40-30 | 39 |
| 8 | RENN | 27 | 10 | 9 | 8 | 40-33 | 39 |
| 9 | REÝMS | 27 | 11 | 6 | 10 | 35-36 | 39 |
| 10 | LION | 27 | 10 | 5 | 12 | 31-41 | 35 |
| 11 | TULUZA | 27 | 8 | 8 | 11 | 32-36 | 32 |
| 12 | STRASBUR | 27 | 8 | 8 | 11 | 30-39 | 32 |
| 13 | MONPELIE | 27 | 7 | 9 | 11 | 33-40 | 29 |
| 14 | NANT | 27 | 8 | 4 | 15 | 26-42 | 28 |
| 15 | LE HAWR | 27 | 6 | 9 | 12 | 26-35 | 27 |
| 16 | LORIÝAN | 27 | 6 | 8 | 13 | 35-50 | 26 |
| 17 | METS | 27 | 6 | 5 | 16 | 25-44 | 23 |
| 18 | KLERMON | 27 | 4 | 8 | 15 | 19-46 | 20 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 24 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 15 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 13 |
| 4 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 12 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |

## «Premier League»-de birinjilik ugrunda ýiti göreş

**Angliýanyň çempionatynda** soňky 7 günde 30-31-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 30-njy tapgyrda «Mançester Siti»—«Arsenal» duşuşygy golsuz geçip, şäherlileriň 75 oýundan soň bir duşuşygy golsuz tamamlandy. «Liwerpul» öz meýdançasynda «Braýtony» Diaz hem-de Salahyň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. 31-nji tapgyrda «Arsenal» öz meýdançasynda «Luton Tawn» toparyndan 2-0 hasabynda üstün çykdy. «Mançester Siti» bolsa öz meýdançasynda «Aston Willany» 4–1 hasabynda ýeňmegi başardy. Oýunda «Sitiniň» gollarynyň 3-sini Fil Foden öz adyna ýazdyrdy.



**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» öz meýdançasynda «Atletik» toparyny Rodrigonyň 8-nji we 73-nji minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Barselona» toparyna-da «Las Palmasy» ýeňmegi üçin Rafinýanyň 59-njy minutdaky ýeke-täk goly ýeterlik boldy. 3-nji ýerdäki «Žirona» topary «Betisi» Dowbygyň 2 hem-de Stuaniniň 90-njy minutdan soň geçiren goly bilen 3–2 hasabynda ýeňdi. 9 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Wilýarrealyň» bu statistikasy «Atletiko» duşuşygynda tamamlandy.

**Fransiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda, «Le Classique» duşuşygynda «Marsel» bilen sanawyň lideri PSŽ duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda parižliler 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnandyklaryna garamazdan, 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 40-njy minutda Beraldonyň gyzyl kart alan oýnunda PSŽ-niň gollaryny portugaliýaly futbolçylar — Witinýa (53) bilen Ramuş (85) derweze girizdi. PSŽ 25 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. 2-nji ýerdäki «Brest» topary-da myhmançylykda «Loriýany» Del Kastilýonyň 86-njy minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi. 7 goluň geçirilen oýnunda «Monako» myhmançylykda «Mets» toparyny 5–2 hasabynda utdy. Duşuşykda ilkinji 16 minutda



3 gol geçiren «Monakonyň» soňky 2 goluny Balogun öz adyna ýazdyrdy.



**Italiýanyň çempionatynda** günsaýyn çempionlyga golaýlaýan «Inter» öz meýdançasynda «Empolini» Dimarko hem-de Sançesiň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Milan» hem myhmançylykda «Fiorentinany» Loftus-Çik hem-de Rafael Leaonyň gollary esasynda 2–1 hasap bilen ýeňdi. 3-nji ýerdäki «Ýuwentus» myhmançylykda «Lasiodan» asgyn gelip, rimlilere ýeňiş getiren ýeke-täk goly 90+3-nji minutda Maruşiç öz adyna ýazdyrdy. Çempionlar Ligasyna ymtylýan «Bolonýa» öz meýdançasynda «Salernitanany» 3–0 hasabynda ýeňdi. Şol hasap bilen «Atalanta» hem soňky çempion «Napoliden» üstün çykmagy başardy.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

## Pyýadalar üçin iň beýik köpri



Italiýanyň merkezi sebiti Umbrýadaky Wigi kölüniň jülgesiniň üstünden Ýewropada iň beýik pyýadalar üçin köpri guruldy. 175 metr beýiklikdäki köpriniň uzynlygy 517,5 metre ýetip, onuň 1023 basgançagy bar. Pyýadalar üçin köpri Sellano we Montesanto obalaryny birleşdirýär. Ony geçmek üçin 30-45 minut gerek. «Basgançaklaryň arasyndaky aralyklar adamyň gorky duýgusyny artdyryp, ony ýeňip geçmek üçin uly batyrlyk we başdan geçirmelere teşnelik talap edýär» diýlip, «Wanted in Rome» web sahypasynda bellenilýär.

Köprüden geçmek isleýänler howpsuzlyk kemerleri bilen üpjün edilýär. Bu ýere gelýänleriň boýy, 1,20 metrden pes bolmaly däl, ruhy we beden saglygy hem kadaly bolmaly. «Ýylboýy işlejek köprüde petegiň bahasy 25 ýewro bolar» diýlip, «Wanted in Rome» web sahypasynda bellenilýär.

Şu ýylyň fewral aýynda Hytaýyň Çunsin şäheriniň golaýyndan geçýän Ýanszy derýasynyň üstünde dünýäniň iň uly futuristik asma köprüsi ulanmaga berildi. Onuň üstünden awtoulaglaryň we otlularyň geçmegi üçin ýol bar.

## ÝYLYŇ AGAJY BELLI BOLDY



Belgiýanyň paýtagty Brýusselde 2024-nji ýylyň «Ýewropa agajy» bäsleşiginiň ýeňijisi mälim edildi. Her ýyl guralýan bu bäsleşikde Polşanyň Wroslaw uniwersitetiniň botanika bagynda ösüp oturan «Seýilgähiň kalby» atly 200 ýaşly buk agajy ýeňiş gazandy. Polşa birnäçe ýyl bäri şeýle bäsleşiklerde birinji orny eýeläp gelýär.

Halk köpçüliginiň ses berişliginiň netijelerine görä, Fransiýanyň Baýes şäherinde ösüp oturan saýawan şekilli 160 ýaşly söwüt agajy ikinji orny, Italiýanyň Sardiniýa adasynda ösüp oturan 4 müň ýaşly zeýtun agajy üçünji orny eýeledi. Bu gezek ýylyň agajy bäsleşiginde jemi 174 müň 112 ses berlip, onuň 39 müň 158-si Polşanyň buk agajyna berildi. Bäsleşige 15 agaç hödürlendi.

«Bäsdeşligiň maksady Ýewropa sapar edýän syýahatçylarda «Ýylyň agajy» bäsleşiginde öňe saýlanýan täsin agaçlary görmäge höwes döretmek hem-de garry agaçlaryň Ýewropanyň tebigy mirasyndaky ähmiýetini ýüze çykarmakdan ybaratdyr» diýlip, «Ýewropa agajy» ekologik hyzmatdaşlyk birleşiginiň web sahypasynda bellenilýär.

## Hytaýyň ykdysadyýeti öser



2035-nji ýyla çenli Hytaýyň ykdysadyýeti ABŞ-dan öňe geçer. Bu barada Hytaýyň Halk uniwersitetiniň ýanyndaky Çunýan maliýe barlaglary institutynyň seljerişinde aýdylýar. Munuň üçin HHR-niň jemi içerki önüminiň ösüşiniň ýyllyk depginini 5 göterim derejede birnäçe ýyl saklamagy ýa-da 2035-nji ýylda 4 göterimden ýokary saklamagy gerekdigi bellenilýär.

Hindistanyň, Kanadanyň, Hytaýyň, Russiýanyň we ABŞ-nyň alymlar topary tarapyndan geçirilen barlaglarda Hytaýyň ykdysadyýetiniň ösüş depgininiň ABŞ-nyň ykdysadyýetinden öňe geçýändigi görkezilýär. Şunuň bilen birlikde, ýuan halkara giňişliginde pugtalanýar, onuň halkara pul derejesi ýokarlanýar.

«Ösýän ýurtlar geljekde ählumumy ykdysady ösüşiň esasy hereketlendirijisi bolar, olaryň çalt ösmegi bolsa, öňdäki onýyllykda dünýäniň jemi içerki önüminiň iki esse artmagyna sebäp bolar» diýlip, «Hytaýyň çylşyrymly göterimleri: Hytaýyň ýokary derejeli ösüşi we 2035-nji ýyl üçin çaklama» atly seljerişinde bellenilýär.

2023-nji ýylda Hytaýyň jemi içerki önümi 5,2 göterim ösdi we 126 trillion ýene (17,7 trillion dollar) deň boldy, şol bir wagtda ABŞ-nyň jemi içerki önümi 2,5 göterim köpelip, 26,39 trillion dollardan ybarat boldy.

## TÜRKIÝEDE ÝERLI SAÝLAWLAR GEÇIRILDI

31-nji martda türk halky ýerli häkimiýetleriň ýolbaşçylaryny saýlady. Saýlawyň deslapky netijelerine görä, Respublikan halk partiýasy (RHP) iň köp ses alan partiýa boldy. Häkimiýetdäki Adalat we ösüş partiýasy (AKP) ikinji bolup, 35,5 göterim ses aldy. Şeýlelikde, RHP 47 ýyldan soňra saýlawda iň köp ses alan partiýa boldy. Adalat we ösüş partiýasy bolsa, esaslandyrylan 2001-nji ýylyndan bäri ilkinji gezek ikinji orna düşdi. Täzeden abadançylyk partiýasy 6,2 göterim, DEM partiýasy 5,6 göterim, Milletçi hereket partiýasy (MHP) 5 göterim, Gowy (IYI) partiýa 3,8 göterim ses aldy. RHP 17 milliondan, AKP bolsa, 16 milliondan gowrak ses aldy. RHP 35, AKP 24 welaýatda ýeňiji boldy. MHP 8, DEM partiýasy 10, Täzeden abadançylyk partiýasy 2, IYI partiýa 1 welaýatda öňe saýlandy.

Stambul, Ankara, Izmir we beýleki uly şäherlerde RHP häkimiýetini saklap galdy. Şeýle hem mundan ozal beýleki partiýalaryň häkimiýetinde bolan welaýatlaryň käbirinde hem has köp ses aldy. Stambulyň ýerli häkimiýetiniň häzirki ýolbaşçysy Ekrem Imamoglu 51 göterim, onuň esasy bäsdeşi AKP-niň dalaşgäri Murat Kurum 39,6 göterim ses aldy.

Paýtagt Ankaranyň häzirki meri Mansur Ýawaş ikinji gezek bu wezipä saýlandy. Ýawaş 60 göterimden gowrak ses aldy. Şeýlelikde, onuň alan sesleri bäsdeşi Turgut Altynokdan (31,8%) iki essä golaý köp boldy.



Ýerli häkimiýetleriň ýolbaşçylary 5 ýyl möhlete saýlanýar. Saýlawa gatnaşyk ozalky ýyllardakydan pes – 78 göterimden gowrak boldy. Ýurtda 61 million 430 müň töweregi saýlawçy bolup, şolaryň 47 million 714 müňi ses berdi. Şeýlelikde, gatnaşyk 78,5 göterim boldy. Ýurtdaky 81 welaýatyň 11-inde zenan dalaşgärler ýeňiji boldy. Ýurduň ýokary saýlaw geňeşi 7-nji aprelde ahyrky netijeleri mälim eder.

## BMG-niň TÄZE HASABATY

Her gün dünýäde bir milliard adamlyk iýmit zibile taşlanýar, şol bir wagtda hem 730 million adam açlykdan ejir çekýär. Bu barada BMG-niň azyk galyndylarynyň görkezijisi boýunça täze hasabatynda bellenilýär.

Dünýädäki azyk önümleriniň bäşden bir bölegi bisarpalyk ýa-da meýilleşdirilmezlik sebäpli, şeýle-de käbir ýagdaýlarda sowadyjy ulgamlara elýeterliligiň bolmazlygy sebäpli zibile atylýar. Bilermenleriň pikiriçe, pul bilen hasaplanyňda ýylda 1 trillion dollar isrip edilýär.



Her ýylda zyňylýan 1 milliard adamlyk iýmit önümleriniň 60 göterim töweregini öý hojalyk galyndylary emele getirýär. Onuň yz ýanyndan jemgyýetçilik iýmitleri we bölek satuw söwdasy gelip, degişlilikde, 28 we 12 göterim ýitgini emele getirýärler. Bu hasabatda öndürilen ýerinden bazara gelýän aralykdaky ýitgiler hasaba alynmandyr.

Bu galyndylaryň diňe bir tebigy baýlyklary biderek harçlamak bilen çäklenmän, howanyň we biodürlüligiň çökgünligine hem täsir edýändigi bellenildi. Diňe birnäçe ýurduň azyk galyndylaryny azaltmak boýunça meýilnamalary bolup, olaryň köpüsi muny kömürturşy gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmagyň usuly hasaplamaýar.

Her ýyl dünýäde bir adam, ortaça, 79 kilogram iýmit zyňýar. Beýik Britaniýa, Awstraliýa, Indoneziýa, Meksika we Günorta Afrika ýaly käbir ýurtlarda soňky on bäş ýylda azyk galyndylary ep-esli azaldy. Ýaponiýa azyk galyndylaryny üçden bire çenli, Beýik Britaniýa bolsa 18 göterim töweregi azaltdy.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

► **Adamsypat robotyny hödürledi.** Saud Arabystanynyň «QSS AI & Robots» kompaniýasy «Sara» atly ilkinji adamsypat robotyny hödürledi. «Sara» boýy 1,62 metr bolan 25 ýaşly gyz ýaly görünýär. Ýurduň milli lybasynda şekillendirilen robot zenan arap we iňlis dillerinde gepleýär. Bu robot Saud Arabystanynda işlenip düzüldi.



► **Elektroulagyň bahasyny mälim etdi.** Hytaýyň «Xiaomi» korporasiýasy ilkinji elektroulagynyň iň soňky bahasyny mälim etdi. «Xiaomi Speed Ultra 7» elektroulagynyň soňky bahasy 500 müň ýuan (69 müň dollar töweregi) bolar. Elektroulag iki nusgada çykyp, bir gezekki zarýadda 668 we 800 kilometre çenli aralygy geçer.



► **Dünýä rekordyny täzeledi.** 58 ýaşly kanadaly ene 4,5 sagat plankada durup, zenanlaryň rekordyny täzeledi. Bu barada Ginnesiň rekordlar kitabynda habar berilýär. 12 agtykly Donna-Jin Waýld plankada 4 sagat 30 minut 11 sekunt durmagy başardy. Bu görkeziji 2019-njy ýylda Dana Glowaka tarapyndan goýlan rekorddan 10 minut köpdür.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1722-nji ýylyň 5-nji aprelinde niderlandly admiral Ýakob Roggeweniň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýa Pasha adasyny açýar. Bu adadaky «Moai» atly 20 metre çenli beýiklikdäki äpet daş heýkelleri toparyň agzalaryny geň galdyrýar. Häzirki wagtda Çiliniň Pasha adasyndaky «Moai» heýkelleri jahankeşdeleriň iň gelim-gidimli ýerleriniň birine öwrüldi.**



Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Agyz beklenip, dost-ýarlary, dogan-garyndaşlary myhmançylyga çagyryp, agzaçar edilip, gudraty güýçli Allatagaladan birek-birege gowulyklaryň dilenýän aýy bolan mukaddes Remezan aýynda Oraza baýramy mynasybetli Size we mähriban halkymyza iň gowy arzuwlarymyzy ýetirýäris.
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Ruhubelent halkymyzyň eşretli durmuşynyň, bagtly geljeginiň hatyrasyna Beýik Biribar Sizi mydama öz penasynda aman saklasyn, janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli işleriňiz hemişe rowaç bolsun!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowaeco

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyz bereketden, sahawatdan, haýyr işlerden doly Oraza aýynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe il-ýurdumyzyň abadan durmuşy üçin alyp barýan ähli işleriňiziň hasyl bolmagyny arzuw edip, doga-dilegler edýär. Mukaddes Oraza aýynda okalan doga-dilegler Beýik Allatagalaň dergähinde kabul bolsun!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Remezan aýynda Size we mähriban halkymyza dünýädäki ähli gowulyklary dileg edýäris! Oraza halklary biri-birine ýakynlaşdyrýar. Bu baýramyň many-mazmunynda halkymyzyň beýik medeniýeti, gadymy däp-dessurlary, ynanç-adatlary jemlenendir. Oraza aýynda Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, tutumly işleriňizde rowaçlyk dileg edýäris!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ruhy päkligiň we sahawatlylygyň, hoşniýetliligiň we abadançylygyň nyşany hökmünde uly dabara bilen giňden bellenip geçilýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Bütin bir aýyň dowamynda agyz beklemek ynsan synasyna, kalbyna tämiz duýgulary bagyşlaýar.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz!**

Gudraty güýçli Allatagala mukaddes Remezan aýynda tutulan orazalaryň, edilen ýagşy doga-dilegleriň hormatyna il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleriňizi elmydama rowaç etsin! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi türkmenistanlylaryň uly dabara bilen giňden belläp geçýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we mähriban halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Halkymyzyň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda döreden baý ruhy mirasy – Oraza baýramy dünýäniň umumadamzat gymmatlyklarynyň bir bölegidir. Remezan köňül öýleriniň mähri bilen baglanyşyklydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ruhy dünýäsi ýagşylyga, ajap umyt-arzuwlara beslenen halkymyz her bir mukaddeslige kalp öýünden orun berip ýaşaýar. Oraza aýy ynsan durmuşyna, ýüregine nur çaýýar. Oraza aýynda halkymyz Diýarymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar şu güni we röwşen geljegi ugrunda uly işleri alyp barýan **belent mertebeli Prezidentimiz** – Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagy üçin doga-dilegler edýär. Goý, päklenmegiň, toba etmegiň belent nyşany hökmünde Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Oraza aýynda edilen doga-dilegler, alkyş-ybadatlar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynyň iň mübärek gijesi Gadyr gijesi hasap edilýär. Şonuň üçin oňa gijeleriň soltany diýilýär. Bu gijäniň gadyr-gymmaty, haýyrlydygy hakynda dürli taryhy çeşmelerde aýdylýar. Gadyr gijesinde halkymyz ata-baba aňyrdan gelýän däp-dessura görä, mukaddes ojaklarynda nahar taýýarlap, goňşokara däbini ýöredip, birek-birege hoşniýetli sözleri aýdyp, maşgala agzybirligini, rysgal-döwletliligi dileg edýärler. Bu hoşniýetlilik ynsanlary biri-birine ýakynlaşdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siz hemişe il agzybirliginiň, ýurt abadançylygynyň, halkymyzyň eşretli, bolelin ýaşaýşynyň aladasy bilen ýaşaýarsyňyz. Goý, Oraza aýynda halkymyzyň eden doga-dilegleri, arzuw-islegleri hasyl bolsun! Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, halkymyzyň eşretli ertiri üçin alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňiz, beýik tutumlaryňyz hemişe rowaç bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli gutlaýarys!

Ähli musulman dünýäsinde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem mukaddes Remezan aýynyň tamamlanmagy bilen musulmanlaryň Oraza baýramy bellenilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň
«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy Türkmenistanda halkymyzyň giňden belleýän baýramlarynyň biridir. Sizi we ähli halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly-uly üstünlikler gazanmagyňyzy gudraty güýçli Allatagaladan dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

Biz Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowy we ähli türkmen halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Goý, siziň öýleriňizde agzybirlik, asudalyk, bagtyýarlyk, abadançylyk höküm sürsün, rysgal-döwletiňiz yrylmasyn! Remezan aýynyň mukaddes Gadyr gijesinde ediljek ähli doga-dilegler Hakyň dergähinde kabul bolsun!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

Мы от всего сердца поздравляем уважаемого Президента Туркменистана Сердару Бердымухамедова и весь туркменский народ со священным мусульманским праздником Ораза байрам!

Пуст всевышний примет все молитвы и желания, обращенные к нему в священную ночь месяца Рамазан чтоб мир и добро вошли в наши дома, а счастье, благополучие и достаток стали верными спутниками в жизни!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ildeşlerimizi ähli musulmanyň iň mukaddes baýramlarynyň biri bolan Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda halkymyz ata Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, halkymyzyň bagtly we abadan durmuşda ýaşamagynyň, ruhy-medeni gymmatlyklarymyzy hem-de parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, raýdaşlyk ýaly ýörelgelerimizi artdyrmagyň bähbidine, milli agzybirligimizi we jebisligimizi has-da berkitmegiň hatyrasyna doga-dilegler edýär. Şunda ýaşlaryň ynsanperwerlik, watansöýüjilik we paýhasly pederlerimiziň döreden asylly ýörelgelerine ygrarlylyk esasynda terbiýelenmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Alyp barýan ähli sogaply işleriňiz üçin halkymyz Size alkyş aýdyp, Allatagaladan janyňyzyň sag, başyňyzyň hemişe dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny dileýär. Ýurduň gülläp ösmegi, halkyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagy üçin alyp barýan işleriňizde Size güýç-kuwwat dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Baş direktor Wepa KERWENOW.**

CNPC

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!

Сердечно поздравляем Вас со священным Ораза байрамы, преисполненным высокими духовнонравственными ценностями и объединяющим народы!

Ораза байрамы – один из древнейших праздников, обеспечивающих неразрывную связь времён, поколений и культур, утверждающих высокие моральные принципы и торжество гуманизма. В этом празднике, истоки которого уходят в глубь тысячелетий, сконцентрированы огромное культурное и духовное наследие человечества, традиции дружбы.

Щедрость, стремление к добросовестной и честной жизни – эти качества издревле определяли туркмен как нацию с открытым сердцем и богатым духовным миром.

В последние годы под Вашим мудрым руководством страна достигла огромных успехов в государственном строительстве и возрождении нации в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства.

Ещё раз, поздравляем Вас и весь народ Туркменистана со священным Ораза байрамы!

Желаем Вам крепкого здоровья и успехов, а братскому народу Туркменистана - процветания и благополучия.

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda halkymyz ýurdumyzyň dünýädäki abraýynyň, şan-şöhratynyň has-da belende galmagy, ýurt abadançylygy hem-de rowaçlygy üçin doga-dilegler edýär. Bularyň ählisi ata-babalarymyzyň mukaddes ýörelgelerine eýerip, biziň buýsanjymyz bolan eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda yhlasly zähmet çekýän, döredýän, guryan halkymyzyň agzybirligini has-da pugtalandyrýar, nesillerimizi watansöýüjiligiň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýeleýär, şöhratly geçmişimize, şu günümize, geljegimize buýsanjymyzy has-da artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Agzybir halkymyzy eşretli durmuşa alyp barýan **hormatly Prezidentimiz** – Size işleriňizde rowaçlyk, mähriban halkymyza asuda asman we bagtyýar durmuş arzuw edýäris! Arzuwlaryň hasyl bolýan aýynda Size Beýik Biribardan berk jan saglyk, uzak ömür dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**